
Ýusup Gojuk
Gökdepe galasyndaky
söweş
Terjime eden : Ylýas Amangeldi



# GÖKDEPE GALASYNDAKY SÖWEŞ

**Awtor Ýusup Gojuk Barada**

**Ýusup Gojuk** 1968-nji ýylda doglan, ýokary bilimli. Tehran uniwersitetiniň pars dili we edebiýaty boýunça okuwyny gutarýar. 1986-njy ýyldan bäri hekaýa ýazýar. Şu güne çenli onuň 20 den gowrak kitaby Eýranyň belli neşirýatlary tarapyndan köp tiražda çap edildi. Ýusup Gojuk häzirki wagtda her üç aýdan Eýranda çap edilýän,halkara derejesine eýe bolan „Ýaprak‟ atly žurnalyň eýesi we baş müdiri.

## Sözbaşy ýerine

Gökdepe urşundan bäri 120 ýyldanam gowrak wagt geçdi, ýene-de aýlar aýlanar, ýyllar-asyrlar geçer. Ýöne, Orsýet Patyşasynyň basyp alyjy goşunlarynyň sürünmesinden öz topragyny goramak üçin “Il bilen gelen toýda baýram” diýip aýaga galan türkmen halkynyň görkezen epiki gahrymançylygy hakyndaky hakydanyň ýalkymy öçmez.

General Lomakiniň ýolbaşçylygyndaky ilkinji Ahal-teke ýörüşi wagtynda Patyşanyň goşunlary bütin Orsýediň basyp alyjylykly syýasatynyň dowamynda ilkinji gezek, ýurduny gaýduwsyzlyk bilen goran türkmenlerden ýeňildiler (1879 ýylyň sentýabry).

Türkmenlerde “Ýykylan göreşden doýmaz” diýlen bir söz bar. Bu ýeňilişlerinden soň Ahal-teke oazisini boýun egdirmek üçin orslar ikinji ýörüşe taýýarlyk görüp başlaýarlar. Şeýle maksat bilen 1880-nji ýylyň martynda Patyşa Orsýediniň gaznasyndan 10 million manatlyk serişde göýberilýär we 11 müň esgerden ybarat ägirt uly goşun 107 top, 11 pulemýot bilen üpjün edilýär. Ýörüşe ýolbaşçy edilip general Mihail Skobelew bellenilýär.

Türkmenler bu gezegem ors goşunlaryna deňsiz-taýsyz gaýtawul görkezýärler. Gökdepe galasyny goraýjylar özlerinden ençeme esse köp ors esgerleriniň garşysyna ärligi, mertligi we türkmen erkinligi üçin pidakärligi ýarag hökmünde ulanýarlar. Galany elden bermezlik uçin erkekler ellerine köne ýeke nili, ak saply jöwher gamalary alsalar, aýallar we çagalar ellerine ilen zadyň gyrkylykmy, paltamy, daş topurmy nämedigine aramazdan kese ýerli ýurtbasarlaryň garşysyna çykýar. Taryhy maglumatlar boýunça galanyň içindäki söweşde san-sajaksyz adam gurban bolýar. Gala elden giderilenden soň basga düşen bosgunlardan diňe aýallaryň we çagalaryň sekiz müňe golaýy patyşanyň atly we pyýada goşunlary tarapyndan gylyçdan hem-de gülleden geçirilýär. Söweşi tamamlamagy Skobelew gala basylyp alynandan üç gün soň(!) buýurýar. Bu üç günde basypalyjy goşunlar gaýtawul görkezmäge hiç bir ýagdaýy galmadyklary, aýallary we çagalary wagşylyk bilen gyrypdyrlar. Täze döredilen Zakaspiý döwletine ýolbaşçy bellenilen Skobelew bu edilen wagşyçylygyň az salymyň içinde dünýä dolmagy sebäpli wezipesinden boşadylyp Moskwa çagyrylýar. Heniz kyrk hem ýaşamadyk bu ganhor şondan soň birnäçe aý geçip geçmänkä näbelli bir kesele uçurap ölýär.

Il ýurduny gorap, taryhda yz galdyran hakyky sähra perzentleriniň gaýduwsyzlygy, merdanalygy powestde bir gahrymanda – Batyr handa jemlemäge synanşyldy. Öz ýurduny, öýüni-ojagyny gorap ägirt uly gahrymançylyk görkezen, türkmenleriň arasynda Watana söýgüniň, arnamysyň,

mertligiň ýitip gitmezligi üçin şehit bolanlaryň ruhunyň öňünde baş egip, bu powesti şol merdanalara bagyşlaýaryn.

Bu pajygaly waka her bir türkmeniň kalbynda öçmejek yz goýdy. Ýyllar aýlanyp, asyrlar aşsa-da halk öz mertlerini unutmaýar we olaryň hatyrasyny saklaýar. Çunki azatlygy we Watany goranlaryň hatyrasy we olar hakdaky hakyda mukaddesdir.

Powesti pars dilinden rus diline sözme-söz höwes bilen terjime eden Gözel Täjiýewa hem-de bu terjimeden gollanyp, ony pars dilindäki asyl nusgasy bilen meniň bilen bilelikde deňeşdirip türkmençä edebi terjime eden ýazyjy dostum Ylýas Amangeldä minnetdarlyk bildirýärin.

Ýusup Gojuk.

Gökdepe galasyny goramak üçin bolan pajygaly şöweşde türkmen halkynyň görkezen gahrymançylygy we patyşa goşunlarynyň ýerli halky köpçülikleýin gyranlygy hakyndaky ýatlama nesillerden-nesillere geçip gelýär. Gökdepe urşynyň taryhy halkyň gahrymançylykly dessanynda we saz sungatynda öz mynasyp beýanyny tapdy. Ady häzire çenli näbelli bagşynyň nesillere galdyran ajaýyp mukamy hem bu wakany gürrüň berýär.

## Birinji perdäniň owazy

# MUKADDES SYR

Gan ýaly gyzaran şapagyň reňkine gök sähra gyzyl öwüsýärdi. Ýaşbagşy uzyn barmakly ellerini kölegeledip alyslara garaýardy. Kalbyndaky niçiksidir bir ünji ony ynjalykdan gaçyrýardy. Dogrusy bu ünji ona indi ençeme ýyllar bäri karar bermeýärdi we garşy-garşy birmahal ötüp giden gyzyl reňkli ýatlamalaryny ýaňadan hakydasyna getirýärdi. Aňyrsy gyrmyzy şapaga duwlanyp gidýän gözýetim hasratly ýatlamalarynda iki ýana at saldyrýardy.

Ýaşmagy niýet edinen gün sähralygyň beýleki tarapynda, dag gerişleriniň arasynda gizlenip ugrapdy. Garşysynda egin-egne berip ýatan baýyrlar öz dillerinde alyslarda galan günleriň ýürekde bitmez ýara goýan wakalary barada pyşyrdaşmaga başlana meňzeýärdi.Ýaşbagşy kalbyndaky orun tutan köne ýaralary hakda hiç kime syr bermeýärdi. Ahyrsoňunda, Orsgeldiniň toý güni bu köne ýara täzeden gozgady.

Ýaşbagşy yzyna öwrüldi-de gara öyleriň syrgynyna nazar aýlady. Asyl, şu ýerdenem obada nämeleriň bolup geçýänini synlap durmalydy. Häzir obanyň içi birnäçe gün mundan ozalkysy ýaly däldi, gaýda-gaýmalaşykdy, bezenen gelin-gyzlar toý aladasy bilen başagaýdy. Her kim bir işe meşguldy. Bütin oba bir adam ýaly bolup toýa beslenýärdi. Uzaklardan eşidilýän kerwen jaňlary täze myhmanlaryň gelýändigini habar berýärdi.

Söňky günler oba adamlarynyň iň hözürli günlerine öwrülipdi. Dogrusy obanyň toýam-ýasam hemmeler üçin birdi. Kimdir biri toý tutsa obaň ulusy-kiçisi öz töýy ýaly şo ýerdedi… Niçikmi

kimiňdir biriniň başyna agyr gün inäýse-de obadakylar ony ýeke goýman, derdini deň paýlaşýardylar…

Golaýdaky depäniň aňyrsyndaň at toýnaklarynyň tozany göterildi. Ýaşbagşy aňyrdan atyny gorgunladyp çykan iki kişini gördi, olaryň ýüzleri oba tarap bolsa-da, bagşyny görüp atlarynyň başyny oňa tarap öwürdiler.

Ýaşbagşy atlylaryň geýen gyrmyzy donuny görenden olaryň kimdigini tanady. Dor bedewleriň aýagyna göz ilenokdy. Atlylar golaýa gelip atlarynyň badyny gowşadyp, gele-gelmäne atdan böküp düsdüler-de bagşyn gabadynda aýak çekdiler.

Ýaşbagşy olara çiňerilip diýen ýaly seretdi. Onuň ýüzi ýagtylyp gitdi, ýigitleriň berdaşly göwresine buýsanç bilen garap durdy. Atlylaryň başyndaky ak silkme telpekleriniň burumlary şemalyň badyna ykjap, olary haýbatly görkezýärdi. Olaryň biri has-da golaýa geldi. Merdemsi sesi bilen Ýaşbagşa ýüzlendi:

— Kaka! Bu ýerde ýeke özüň näme işläp ýörsüň?

Aňyrrakda duran ýoldaşy onuň sözüniň üstüni ýetirdi:

— Bagşy aga, ogluň toý güni, seni sylap üstüne märeke bary ýagyp dur, size obada garaşýandyrlar.

Ýaşbagşynyň olara syryny, has beteri-de olaryň keýpini gaçyrjak zady aýdasy gelmedi. Aslynda, başgalara içini döker ýaly, kalbyna çöken ýatlama labyryndan özi hem baş çykaryp barmaýardy.

Emma, atlylaryňky rastdy. Bu gün onuň begenmeli günüdi. Ol ýylgyrdy-da garşysyndakylara bakyp:

— Sen hak aýdýaň oglum! … Zelelei ýok. Maňa, gaýta siz birneme alada bolupdyňyz.

Uzyn böýly ýigdekçe Ýaşbagşynyň ogluna tarap ümläp:

— Ýaşuly, Orsgeldiň häzir atynyň çapýan wagty. Atyň başyny çekmän bir demde Hywa baryp-gelibiljek! — diýip heziller edinip güldi.

Orsgeldiniň weli utanjyna ýüzi gyzardy. Bagşy oglundan goňşy obalara ugradylan çakylykçylar barada sorady:

— Orsgeldi, oglum toýa çagyrylanlaň hemmesine habar ýetirlipmi?

Orsgeldiden öňünça, atynyň ýalyny sypap duran dosty jogap berdi:

— Toýa geljegiň aňyrsy-bärsi ýok, bagşy aga! Siz dutaryňyzyň owazyna aşyk myhmandan ýaňa gapyňyzda ýer tapylmasa gerek.

Dogrudanam, Ýaşbagşyny tanamaýan ýokdy. Onuň dutarynyň owazynyň ýetmedik obasy galan däldir. Oba çapar ugradylyp bagşynyň toýa çagyrylmadyk, Ýaşbagşynyňam eline dutaryny alyp çagyrylan ýerine tarap ýola düşmedik güni ýokdur. Bu towereklerdäki toy-baýramlaryň Ýaşbagşysyz, onuň dutary bilen birlikde “gel bärisiz” geçenini bilýän tapylmaz. Toýlar, baýramlar Ýaşbagşysyz toýa-baýrama meňzemeýärdi, gyzyksyzdy. Niçikmi Ýaşbagşynyň dutarynyň sesi ýaňlanyp ugradygy daşdan-u ýakyndan uly-kiçi bary üýşerdi. Onün baran ýerinde

goşa kirişiň owazy dagy-jülgäni, sähralary, gum alaňlarny gaplap alýardy. Bu gün, onuň oglunyň toý gününde hem çar ýandan myhmanlaryň çozjakdygynyň ujy iki däldi.

Ýaşbagşy ýene-de yzyna gaňryldy, obadaky toý başagaýlygy artmasa kemelmeýärdi, adamlaryň üýşýän öýi arynyň ketegi ýaly “waň” berýärdi. Bagşy ýigitlere:

— Siz baryberiň, serediň myhmanlaryň hyzmatyny kem etmäweriň, menem ynha yzyňyzdan bararyn! – diýip sargady.

Ýigitler duran ýerlerinden towsup ata mündilerde oba tarap atlarynyň jylawyny göýberdiler. Bagşy üçin hem indi bu ýerde eglenere bahana galmandy, öýüňde myhmanlar garaşyp durka ýeke özüň telbe ýaly obaň çetinde aýlanyp ýörmek gelşiksizdi.

Üstüne odun hem-de ýandak basylan uly araba obaň çetinden girip barýardy. Arabaň tigirleriniň jygyldysy esli wagtlap Ýaşbagşynyň gulagynyň içinde gaýtalanyp durdy we ýüreginde ýaňy köşeşip ugran ýatlamalaryň ýarasyny täzeden gozgady. Adamlaryň bir topary Garasuwyň güzerinden gatyrlaryň üstüne atylan meşiklerini suwdan dolduryp başly-barat oba tarap gelýärdiler. Golaý-goltumdaky gara öýleriň daşyndaky aýallaryň üýşmegini görmek bolýardy, ýöne olaryň daşaryny suwlaýany haýsy, süpürýäni haýsy saýgarmak kyndy.

Birdenem aýal adamyň agy sesi gelen ýaly boldy. Ýa biri gülýärmi? Toý ýerinde aglanmaz ahyryn?! Öýleriň birinden ýaňy göze görnüp ugran üç-dört gyz çykdy-da, düzlüge tarap ylgap gitdi. Olaryň saçyna ören kümüş düwmeleri, toýa dakynan şaý-sepleri şaňňyr-şaňňyr ses edýärdi. Bu sese Ýaşbagşyň maňlaýyndan sowuk der geldi.

Ol indi öz ýanyndan gyssanmaga başlady. Ädimini çaltlandyryp ugrany hem şoldy weli, arkasyndan kimdir biriniň mähirli salam berýän sesini eşitdi. Yzyna öwrülende, orta ýaşlaryndaky bir pyýadanyň kiçijik gyzjagazyň elinden tutup duranyny gördi. Ýaşbagşy görenden olary tanady, geçen ýyl olar oba gelip-gidipdiler. Elleşip görüşenlerinde bagşy toýa gelýän myhmanyndan gyzynyň saglygy barada sorady:

— Ýaşuly, tüweleme Siziň eliňiziň derman kemi ýok, Hudaýa şükür, ynha özüňiz görýäňiz ahyry – diýip, gyzjagazyna mähirli garady.

Ýaşbagşy gyzjagaza göz aýlanyndan myhmanyň aýdýanlarynyň hakykatdygyna göz ýetirdi. Onuň ýaňajyklaryna adaty sagatlygyň reňki ýöräpdi. Ol kakasynyň gataňsy ellerini göýbermese-de utanjyna kesesine bakdy.

Ýaşbagşy ýylgyrdy. Gyzjagaz kakasynyň arkasyna gizlendi. Kakasy:

— Geçen ýyl, Alladan söňky umydymyz sizdiňiz. Öň, Allanyň eradasy bilen Siziň obaňyza düşdük,.. daşyndan, adamlardan eşitdik…

Ýaşbagşy onuň kesekilerden nämäni eşidip biljekdigini aňýardy. Ellerinde, barmagyny basan ýeriniň keselini, derdi-belasyny aýyrýan bir gudratyň bardygyny özi-de köp adamdan eşidipdi. Çünki ol şol elleri bilen oruslaryň birnäçesiniň ganyny döküpdi. Ýöne, bu gürrüňleri adamlaryň ynamynyň netijesidir diýip hasaplaýardy. Şol pajygaly wakada ganhor basypalyjylaryň janyny jähenneme ugradandygy üçin köpçülik kalbynyň islegi bilen bagşyň şirin sazlary çykarýan barmaklaryna keselleri bejerýär diýip hasap edýän bolmagy-da mümkindi.

Ýaşbagşy egnindäki possunyny düzedişdirdi. Sähra tarapdan gelýän sergin howany demine dartdy. Gara öýleriň arasyndan ýöräp barşyna ädimini ýygjamlatdy.

Obaň çetinde, uly bir oraçanyň öňünde ýene bir söwüşlik bugurçyny ýykyp, aýaklaryny mäkäp däňyp, ýüzüni kybla tarap bakdyrdylar. Onuň daşyndakylaryň biri, gapdalynda sallanyp duran gynyndan pyçagyny çykaraga-da çete çekilip çalgy daşyna çalmaga durdy.

Pyçagyň tygyna günüň şöhlesi düşüp ýaldyrap giden-de, Ýaşbagşynyň demi-demine ýetmän başlady. Ylla diýersiň gamanyň tygy daşa her degende çykarýan çakyr sesi bilen beýnisiniň ýygyrtlaryna çalynýan ýaly boldy. Pyçagyň her hereketine agyrydan ýaňa kellesi güwläp gidýärdi. Düýäniň damagyny çalmakçy bolýan kişi gamanyň ýüzüne suw sepişdirdi-de, pyçagyny täzeden, öňküsindenem batly çalmaga başlady. Aňňyrrakda ýedi ojakda ýedi gazan atarylypdy. Olaryň aşagyndaky ot barha güýçlenýärdi, şatyrdap ses edýärdi. Obanyň tanymal aşpezleri toýuň myhmanlary üçin nahar atarmaga taýýarlanýardylar.

Gamasyny iş bitirmäge taýýar hasaplan gassap ara salym salman, gözüni al-asmana dikip ýatan bugurçynyň kelle tarapyna ýöneldi. Gapdalyndakylar ýerli-ýerden öz etmeli wezipelerini jür ýerine ýetirmek üçin ykjamlandylar.

Daýaw pyýadanyň gollaryny çermäp, alkymyna dykylyp gelýänini görenden janawar dyzanmaga synandy, emma daşyna geçen adamlar uzyn boýnuny rehimsizlik bilen ýere basdylar. Bugurça bar güýji bilen lägiräýmese başga alaç galmandy. Janawer bu dünýädäki iň soňky bozlaýşyny gutarmanka al-gan daş-töwerege syçrap gitdi. Hat-da gassabyň üşt-başy hem gyzyl gana boýalypdy.

Ýaşbagşynyň ýüreginiň galagoplugy ýetjek derejesine ýetipdi. Eger-de häzir daş-töwerek çolalyk bolsa, dünýäsini gaplap alan hesretden ýaňa kellesini dyzynyň üstünde goýup sagatlarça aglajakdy. Şonda düňýäniň ähli deňizleriniň suwuny jemleseňem onuň gözüňiň ýaşyndan az gelerlidi.

Obanyň ortasynda uly ak öý dikilipdi. Ak öýüň gapdalynda uk ýaly iňçe agaç dikilip onuň al-asmanda galagaýan ujynda guga meňzeş ak ýaglyk pasyrdaýardy. Bu toýuň nirdedigini salgy berýän nyşandy, ak öý bolsa ýaş juwanlaryň kir-kimirsiz durmuşynyň, bagtynyň alamatydy.

Obanyň ýaş-ýeleňleri dumly-duşda topbak-topbak bolup, atlaryny kişňedip eýläk-beýläk geçýärdiler. Häzir atlaryň hokranmasyny, kişňemesini eşitmegem Ýaşbagşy üçin horlukdy. Bu duýguny hat-da ezýet, horluk diýmegem hakykata laýyk däldi. Onuň kalby hasratdan hem-de tolgunmakdan dolupdy we bu ýagdaý oňa ezýet berýärdi.

Öňler Ýaşbagşy atlaryň çapyşyny görende, at toýnagynyň sesine joşardy, buýsanjy artardy. Häzir oňa näme bolýarka? Muny onuň özem bilmeýärdi. Häzir ol dutaryna – on iki perdeli gazmasyna ýetmelidi. Şabram şelpeli kakuwlar etmelidi, aýdyma gygyrmalydy. Agysy ýüregine dolup demi tutulanyň hynçgyryşy ýaly jukkuldamalydy. Emma, häzir dutardan irdi, onuň wagty däldi. Toýuň heniz ýaňy başydy, myhmanlar doly ýygnanmandy. Hajygowşandaky ak sakal gojalar, beýleki obalaryňam saz söýer garrylary, bu jelegaýlaryň pälwan ýigitleri gelmändi. Onuň hemişekilerdenem üýtgeşik joşup, gara suw bolan ýüzünden gara derini saçyp, hyjuwyna bäs gelip bilmän ýeke dyza galyp, aýdyma gygyrmagy üçin hemmelriň jemlenmegi hökmandy.

Ýaşbagşy gör-bak, haçandan bäri şeýle güne, şeýle agşama garaşýardy. Ol mydama-da Orsgeldiniň toýunda özüniň aýdym aýtjakdygyna, aňrysynda baryny edip märekä hezil berjekdigine ynanýardy. Beýleki toýlardanam has labyzly aýtmak islegi bilen joşýardy. Çünki bu toý oňa öz geçmişini ýatlamaga ajaýyp bahanady. Kalby atygsap durdy. Onuň geçmişi hakdaky ýatlamalary Orsgeldi bilen gözlüje ýaşytdaşdy. Perzendi bilen deň ulalan ýatlamalar öt ýaly ajydy, pajygalydy. Şunça ýyllaryň dowamynda ol bu pynhan syryny hiç kime açmandy. Ne

Orsgeldä, ne-de başgalara dil ýarmandy.

Ençeme at goşulan araba ýaş juwanlar üçin dikilen öýüň golaýyndaky oraçalaryň biriniň deňinde saklandy. Elleri bukjaly gelin-gyzlar arabadan emaý bilen düşüp, öýe girip gitdiler. Gyz-gelinleriň şaý sepleriniň, gyzyl gülýakalaryň şaňňyrdysy Ýaşbagşynyň gulagynda ýaňlandy.

Şaý sepleriň her şaňňyrdysy közüň üstüni ýelpäp geçýän şemal ýaly onuň ganjyrap duran ýaraly ýatlamalarynyň kesmegini soýýardy.

Orta ýaşan aýallar we ýaş gyzlar öz aladasy bilendi. Çapyksuwarlar çapyşyga taýýarlanýardylar. Ertir aýrybaşga bir gün dogmalydy. Ýaşbagşy üçinem, Orsgeldi üçinem ertirki gün üýtgeşikdi, beýleki günlere meňzemejekdi.

Ýaşbagşy toý tutulýan öýe bardy. Oturanlaryň bary bir adam ýaly bolup ör turdular. Dik duranlaryň arasynda ýaşy boýunça onuň özünden has ululary hem bardy. Bagşy öýdäkiler bile ýeke-ýeke görüşdi. Adamlar onyň toýuny gutlaýardylar, bagşy bolsa baş atyp oňaýýardy.

Öýüň töründen oňa orun berdiler. Ol agraslyk bilen töre geçdi. Ortara-da ot ýakylypdy, oduň tüssesi tüýnükden ýokary göterilýärdi. Bagşynyň öňüne çay getirdiler, ol howlukman käsesine çaý guýdy-da, doldurylmadyk käsesini ýokary göterdi. Bir käse içensoň ýassyga tirsegini berdi.

Dutar edil onuň depesinde, tärimden asylgy durdy. Mahmal gabynyň içinde. Bir eli çeperiň tiken gaby. Nepis, inçe nagyşly. Wagty gelende dutar bu gapdan çykmalydy. Ýaşbagşy bu mynasyp pursady araýardy.

Hiç bir toýda onyň kalby şeýle bikarar bolmandy. Saza başlamazdan öň ýüreginiň häzirkisi ýaly şeýle gürsülläp uran wagty ýokdy. Henize çenli dutaryň perdelerine, gapagyna ellerini ýetiresi gelip hiç haçan häzirkisi ýaly tolgunmandy.

Ýüregi atygsap agzyndan çykaýsam diýýärdi. Ol ahyry ýüreginde närneleriň gopýanyna düşündi. Öz düşen ýagdaýy we gaplap alan duýgulary oňa beýle bir nätanyşam däldi. Ol şol duýgular bilen ulalypdy. O duýgular mydama oň bilen bile ösüp, bile ýaşan eken. Al gany mysaly damarlarynda aýlanyp durupdyr. Bu duýgusyz asla, Ýaşbagşyny göz öňüne getirmegem mümkin däl, olarsyz Ýaşbagşy sazanda-da, hiç kimem bolmajak eken. Ol bu düýgularyň keşbini dutarynyň perdeleriniň arasynda görýärdi. Belki-de görýändigini duýýardy. Her gezek şol perdelerden elini ýöredende barmaklarynyň ujy şol syrly duýgulara galtaşýan ýaly bolup gidýärdi. Bular bir ajap duýgulardy, arman ýüregiňi daglap gidýän agyrylary bardy.

Daşarda kemsiz garaňky düşsede myhmanlaryň gelmesi dowam edýärdi. Arabalaryň tigirleriniň jygyldysy, atlaryň hokranmasy, düýeleriň jaňynyň sesi toýa gelýän myhmanlaryň gündizkiden has köpelýändigini habar berýärdi. Ojakdaky oduň daşyna üýşenler özara gürrüňe gyzyşypdylar. Emma, Ýaşbagşy hiç kimiň sesini eşitmeýärdi. Ol nazaryny alawlaýan otdan öýüň tärimlerinde titiräp görünýän kölegelerden gözüni aýyryp bilmeýärdi. Onuň ýüregi hem haýsydyr bir oduň ataşyndan lowlap durdy.

Ýaşbagşynyň gulagyna diňe ortadaky ýanýan sazagyň ahy-nalasy eşidilýärdi. O sesler kem-kemden güýçlenýärdi we onuň ýüregini mynçgalaýardy. Indi Ýaşbagşynyň ýüzünde gahar bilen gazabyň alamatlary peýda bolupdy, ojakdaky nar-gyzyl öwüsýän köze dikilen göreji başga hiç zady görmeýärdi. Dili bilen howany ýalap geçýän ot güçlenýärdi, közleriň üstüne atylan sazak şahalary oduň howruna döz gelip bilmän göçýän seçmeler kimin şatyrdap ses edýärdi.

Tutaşyan sazagyň şatyrdysy gitdigiçe onuň hyýaldaky dünýäsiniň jümmüşine aralaşýardy.

Ýüregi çalt-çaltdan urýardy. Çygar sazagyň tutaşandan soň has güýçli ses edip ýanyşy onuň üçin yzy üzülmän atylýan oklaryň sesine öwürlipdi. Ojakdan ýokary göterilýän gök tüsse bolsa däriniň ysyna örülip dem almaga maý bermeýärdi.

Ýaşbagşynyň dem almasy kynlaşýardy. Ol tolgunýardy. Bagşynyň nazary oduň ýalkymyndan öýüň tärimine düşýän kölegeleri yzarlap bir eýläk, bir-beýläk geçýärdi. Birdenem ol kölegeler urşujylaryň sandyraýan suduryna meňzäp, göräýmäge edil gapdalyňda garma-gürmelik, ala-basgy başlandyr diýdirýärdi. Duýdansyzlykda atlaryň kişňemesine menžäp bir gykylyk gopdy. Sandyrap duran sudur ýüzünligine gürpüldäp gitdi. Beýlekisi öňe okduryldy. Üçünji bir kölege sesiniň ýetdiginden bagyryp, süýnmek gollaryny galgadyp galmagalyň gopan ýerini salgy berýärdi.

Ýaşbagşy nalaç hala düşüpdi. Atlaryň çirkin kişňäp garşydaşyna topulmasyndan, gylyçlaryň şaňňyrdysyndan paýrap atylýan oklardan onuň gulagy kamata gelipdi. Geň galaýmaly ýeri, ol kölegeleriň alabasgysynyň içinde eli dutarly iki ýana çarpynýan öz keşbini hem görýärdi. Ol ýykylýardy, turýardy, gygyrýardy… Gynyndan çykan hanjarlary görýärdi. Olar ýokary galyp kölegeleriň depesinden inýärdi.

Ýaşbagşy oduň içinde galan ýaly çar ýany bilen lowlaýardy. Onuň kalby lowlap ýanýardy, tenini bolsa sanjylýan pyçaklaryňkydanam beter agyry gurşap alypdy.

— Orsgeldi! Orsgeldi!

Daşarda kimdir biri onuň oglunyň adyny tutup çagyrýardy. Emma, häzir bu sözler bagşynyň gulagyna başgaça eşidilýärdi we ony, üstlerine ýagy dökülen adamlaryň “Ors geldi, ors geldi” diýip, bu iki jümläni ilkinji sapar haýda-waý gygyryşýan pursadyna dolaýardy.

Ýaşbagşy özüne geldi-de, oglunyň ady tutulyp gygyrylan tarapa gaňrylyp seretdi. Daşarda Orsgeldi silkmesini şemala ykjadyp daşyny gallap alan deň-duşlary bilen söhbete gyzypdy. Onuň elinde kakasynyň köne hyrlysy bardy. Gapdalda bir ýerde yzly-yzyna gümpüldäp göçýän tüpeň sesleri ýaňlandy. Mundan ýigrimi ýedi ýyl ozal Ýaşbagşy öz obadaşlarynyň ellerinde şeýle tüpeňleri görüpdi.

Ala meýdan tarapda ýene-de birnäçe gezek tüpeň atyldy. Obanyň ýaş-ýeleňleri Orsgeldiniň toýunyň hatyrasyna asmana ok ýagdyrýardylar. Ýaşbagşy muňa öňküsindenem beter tolgundy. Ýatlamalaryň agyr labyry onuň ýüregini gysyp-gowuryp barýardy. Bir gülläniň sesi onuň gulagynda dynman, üznüksiz ýaňlanmaga başlady. Bu sese sandyrap gitdi. Nagra çekip, ýerinden towsup diýen ýaly ör galan bagşa hemmeler aňkaryp galdylar.Ýöne weli hiç zat onuň azaryna-da däldi, ol dulda asylgy dutaryna ýapyşdy.

Gaýra goýmak mümkin däldi. Eger-de ol dutary gümmürdedip ugramasa janyna jaý tapyp bilmejekdi. Daşynyň mahmal gabynyň bagjygyny gyssanmaç çözüşdirdi-de dutary eline aldy.

Ol hökman çalmalydy, ol hökman aýdyma gygyrmalydy. Ýüreginde baslygyp gemre baglan dertlerini şabram kakuwlar bilen kakyp-kakyp aýyryp daşyna zyňasy gelýärdi.

Süýnmek barmaklar tarlara kaklyşandan dutar erbet iňledi. Bagşynyň gözleri ýaşa doldy. Ýüzünden gaýdýan der seýrek, ak sakalyna siňip ýitip gidýärdi.

Daş-tölerekden onuň sesine ylgaşyp gelenler içerä sygar ýaly däldi. Ynjalykdan gaçan adamlaryň nazary onuň her bir hereketini sypdyrman yzarlaýardy.

Eger-de Ýaşbagşy dutar çalyp başlamadyk bolsady, onda ýüregi kalbyna dolan duýgulara tap getirmän ýarylaýjakdy. Gör, näçe ýyllap ol bu duýgulary hiç kime duýdurman saklapdy, şu pursada garaşyp gezipdi. Gözleriniň hanasyna dolan gözýaş damjasy ýaňagyndan togarlanyp aşaklygyna syrygyp gaýtdy. Eli özüne ne ýer tapýardy ne-de ynjalyk. Ol bu elleri bilen dutaryň ruhuny oýarmalydy.

Dütar düzülgidi. Ýaşbagşy adaty edişi ýaly titreýän aýasyny olary sypaýan ýaly şekilde perdeleriň üstünden ýöretdi. Dutaryň sapyndaky perdeleriň bogunlary ýaly kalbyndaky duýgular mese-mälim bildirip durdy. Ýüregi ynjalyp, gözlerini ýumdy-da Ýaşbagsy dutaryna şabram kakdy. Şabram kakuwlardan gaýdýan gaýgyly bir mukam öýüň içini doldurdy. Soň bolsa burum-burum tüsselere goşulyp tüýnükden daşaryk çykyp, ýyldyzly Asmana çenli göterlip gitdi. Äleme dolup gidýän bu mukam heniz eşidilen mukam däldi, ony henize çenli diňläp gören ýokdy.

Ýaşbagşyň barmaklary ikinji perdä geçdi.

## Ikinji perdäniň owazy

# TUTULMADYK TOÝ

Tüpeň sesi eşidildi. Edil häzirkisi ýaly uzaklara ýaňlanyp gidýän tüpeň sesi eşidildi. Edil şu günki ýalydy şo günem, ok yzyndan ok atyldy, goh üstüne goh gopdy. Şol gün şeýly goh-galmagalyň sesi daňdanyň düýş görülýän, dynçlyga gark bolan adamlaryň ne oýanmaga, ne ýerinden galyp daşary çykmaga, daş-töwereginde nämeleriň gopýanyny bilmäge höwessiz ýarym oýa ýarym ukuda mahaly eşidilipdi

Şo gün daşarda nämeleriň bolup geçýänini sesme-ses eşidýärdim; arman, meniň ýerimden galasym gelmeýärdi. Nurberdi hanyň petekesini gaýşardyp ýören, ähli bäsdeşlerini gyzyl-ütük edýän, her gün ganatlaryny pasyrdadyp ukudan oýarýan horazynyň sesem bimaza edýärdi.

Köçeden kimiňdir biriniň gülküsi, kimiňdir biriniň gürrüňi, atlaryň aýagynyň dükürdisi eşidilýärdi. Men ýatlamalaryň gatynda hars urýardym – ejem bilen kakamyň hoş gezen günlerine gaýdyp barmagyň zaryny çekýärdim. Her näçe jan etsemem olaryň ýüz keşbini göz öňüme getirip bilmeýärdim. Emma, men her edip hesip edip aýlaryň we ýyllaryň aňyrsynda galan günlere, orslaryň aýagynyň yzy galan günden has alyslara barmalydym. Lomakiniň, olaryň goşunbaşylarynyň gelmeginden öňki döwre dolanmalydym.

Çünki orlsaryň daban yzy biziň topraga düşenden soň meniň ýadymda galany diňe agy-efgan, aýallaryň saç ýaýyp çekýän nalasydy. Öwülýä äkidilýän jesetleriň içinde ejem bilen kakamyň jesedini saýgarar ýaly däldi.

Bu sesler meni beýnimdäki ýadyma salyp bilmeýän müň towlam ýatlamalaryma erkimi elimden alyp äkidýärdi. Ähli durkum bilen Batyr hanyň sesini küýseýärdim. Kim ol Batyr han? Batyrhan maňa tarap ilden saýlanyp gaýdan. Meni bagryna basan. “Mert bol oglum, mert bol” diýen adam.

Soň onuň possunyny ýadyma salyp bildim. Ol Batyr hanyň sesi ýaly ýumşakdy, ýylydy. Ýöne bir zamanlar maňa ýüzleri düşenine begenip, begençlerinden ýaňa ýagtylyp giden ýüzleri ýatlap bilmeýärdim. Ýene Batyr hanyň "Erkek bol, oglum, oglum" diýýän sesi gulagyma geldi. Menem şol günden bäri Batyr hanyň ogly.

Gözümi açsam, daşarda eýýäm jahan ýagtylypdyr. Nurberdi hanyň horazy bogazyna sygdygyndan gygyrýardy, beýlekiler bolsa onuň yzyny alyp göterýärdiler. Alyslardan, guýynyň içinden eşidilýän dek läle kakýan gyzlaryň sesi gelýärdi. Ýerimden turdum. Günüň ýagtysy süýşe-süýşe gapyň jaýrygyndan içeri giripdi. Daşary çykdym. Galaň galyň diwarynyň kölegesi ýere ýazylyp ýatyrdy we ol gara öýümiň gapysyna ýetýärdi.

Oba adamlary topar tutup Batyr hanyň öýüne tarap ýonelipdiler. O ýerde dokuz başly ak öýler tutulypdy. Meniň göwnüme gelşine görä, eýýäm, ýaşulylar gelnalyjy kerwene baş bolup goňşy oba ugran bolmalydy.

Düýn agşam naharyndan soň Nurberdi han Batyr hanyň adyndan ertir säher bilen gelinalyjylaryň goňşy oba ugradyljakdygyny habar beripdi. Ine, şo habardan soň men, hemmelerden öň turup, gelinalyjyny ugratjakdygyma öz-özüme söz beripdim. Emma, her näçe ökünsemem ýatyp galypdym.

Agyldan goýunlaryň mälemesi eşidilýärdi. Agylyň gapysyny açanymdan owlak-guzular üstüme towsup diýen ýaly öňe atyldylar.Olar maňa özlerini örä çykarar öýdüpdiler. Men hasyr-husur agylyň gapysyny ýapyp, böwürde, öz başyna, gözenegiň aňyrsyna basylan bededen alyp olaryň öňüne döküşdirdim.

Goýunlar men nirä ýöresem ädimimi sypdyrman yzyma düşýärdiler. Men goýunlar bir ýerde basalaşyp durmazlar ýaly bedäni ýetdiginden agylyň her ýerine-her ýerine atyşdyrdym.

Daş çykmak üçin ýönelemden, süriniň başyny çekýän goç maňa tarap gaýtdy. Ol gelip, burum-burum şahlaryny dyzyma oýkalap başlady. Onuň böýnundaky jaň hereketine goşulyp düňňürdeýärdi. Men ýaňadan bede alyp gelip, onüň öňüne aýratyn atdym, ýöne goçuň bede bilen küýi ýokdy. Ol daşaryk – örä gitmek isleýärdi.

Süri mydama onuň yzyny eýermäge endik edensoň, dowarlaryň bary agylyň işigine tarap ümzük atýardylar. Burum-burum şahyny indem agylyň gözeneklerine oýkaýan jaňly goçuň ýüňlerini sypap: "Bu gün gaýrat ediň, ertir örä gideris, düşündiňmi?" – diýip öz meýlimi aýtdym.

Sürä erk edýän öňbaşy goç bilen çopan itim barka men mydam arkaýyndym. Uky üstümi basan wagty, ala köpek bilen jaňly goça sürini ynanyp ine-gana ýatýardym. Olaryň hiç bir belany sürä ýakynlaşdyrmajakdygy ikuçsyzdy. Köpegim sürini möjekden gorasa, şahly goç bir goýnuňam süriden bölünip gitmegine ýol bermez.

Agyldan çykanma ýarym sagat çemesi wagt geçipdi. Öýde elýaka köýnegimi geýip, Batyr hanyňka tarap ugradym. Batyr hanyň öýi galanyň edil merkezindedi. Azanyň sesi ýaňlanyp durýan uly metjit hanyň öýüniň alkymyndady. Metjidiň daş-töweregi injire, dereklere, serwi agajyna bürelendi.

Metjit bilen Batyr hanyň öýüniň arasynda bazar meýdanjygy ýerleşýärdi we Molla Muhammet ol ýerde harytlaryny ýaýradyp göçme söwdasyny ederdi. Molla Muhammediň göçme söwdasynda göwnüň näme islese tapdyrýardy.

Söwda bolmadyk wagty bu ýeri toý tutýanlar üçin göreş meýdançasyna öwrülýärdi. Aýlaryň ýagşysy remezan gelende agzyňy bekläp, özüňem bu ýere gelmeseň gelişmejek ýalydy. Şonuň üçinem galadaky uludan-kiçä, ýaşu-garry – hemmeler bu ýere ýygnanardylar. Bu ýerde eňek bary gymyldardy, tesbi bary sanalardy, gep bary diňlenerdi. Wagt tiz geçip, bir görseň Gün ýaşyp agşam namazynyň azany aýdylardy.

Men bu meýdança ýetemde tas, doňup galypdym. Örküçleriniň arasynda kejebe gurlan heşdek maýanyň Batyr hanyň işiginde şol çöküp oturşydy. Ol äwmezden gäwmiş çalýardy. Başlary ak telpekli, egni gyrmyzy donly, örme guşakly atlylar meýdanyň çetinde, üýşüşip duruşlaryna Batyr hanyň öýünden kimiňdir biriniň çykaryna we kerweni ugradaryna garaşýardylar.

Bu ne hekaýat? Gelin alyjylar näme üçin häzire çenli ýola düşmeýärkä?

Myhmanlar toý üçin niýetlenip dikilen täze öýlerde çaý içip oturyşlaryna mesaýy gürrüňe gyzypdylar.Olaryň başyny agyrtmaýan gürrüňleri galmandy: bu ýylky otluk sonarlar, mallaryň ähli görnüşleri, hat-da gaýraky obalara azar berýän möjek ordasy hakda aýdylma kemi galmandy.Ýöne bar gürrüňiň ahyry gelin alyjylaryň näme üçin ýola düşmeýänligine gelip syrygýardy.

Men eglenmezden Batyr hanyň öýüne ýöneldim. Öýüň işigi açykdy, tamda ýygnananlaryň hemmesi daşardanam kemsiz görüňýärdi. Men eýwana girdimde çökdüm. Sebäbi jaýyň içine üýtgeşik bir ünjiniň ynjalyksyzlygy dolupdy. Içki jaýda aksakallar otyrdy. Olaryň nazary bitakatdy. Bir bela gopmadyk bolsa-da biri diýip howuň basylýardy.

Kimdir biri: “Bu bir heleý gybaty bolaýmasyn-how! Ozüňiz bilýäňiz ahyryn, bu wagtyň adamlary suw görmän tammam çykaryberýärler ahyry…”

Nurberdi han degişmä salyp gürledi:

-Molla Muhammet! Aý-how, sen harydyňy geçirjek bolup ilaty basga salýan dälsi-ňä?!

Hanyň sözüne gatyrak gülenlerem, ýöne ýylgyryp oňaýanlaram, böwrüni diňlänlerem tapyldy.

Diýmek Molla Muhammedem şu ýerde. Men oturan aksakallara ýaňadan göz aýladym. Dogrydanam Molla Muhammet Batyr hanyň gapdalynda howlukman çaý owurtlap otyrdy. Men indi nämäň nämedigini aňyp ugradym. Molla Muhammet täze haryt bile täze bir habaram getiren borly. Ýöne hemmeleri serpmeden gaýdan ýaly eden habaryň düýbi düz bolsada biri?!

Dogrusy, her gezek bir täze habar tapmak Molla Muhammediň indi endigine örülip gidipdi. Ol çuwal-çuwal harytlaryndan başga-da ganar-ganar habaram getirerdi. Haryt alyş-çalyş edip göçme söwdasy bilen türkmen ýaýlalarynyň ähli obalaryna aýlanyp çykansoň adamlar onuň harydyny-da, getirýän gürrüňlerini-de ynanjaňlyk bilen kabul ederdiler.

Molla Muhammet başyny ýaýkady-da kinaýa bilen:

— Nurberdi han, Taňry ýalkasyn! Men hakda beýle hatyrjem pikir edýänsiňem öýtmändirin? – diýdi-de sözüniň yzyny Batyr hana gönükdirdi.

— Men öz bilýänimi aýtdym. Galanam özüňiz biliň, erteki gün bihabar galdyk diýmeseňiz bolýa…

Batyr han oturyp bilmän:

— Orsuň goşunbaşysyna kim diýdiň? – diýip sorady.

Molla Muhammediň gür gaşlary bürşüp gitdi:

— Meniň eşitmeşime-hä Skobelew diýýä… Skobelew!

Ol sözüni tamamladym diýen terzde käsesine ýaňadan çaý guýundy. Kimdir biri saklanyp bilmän:

— Sen nirden bilýäň olaň biziň ili basyp aljagyny?

Ýene biri jogaba garaşman:

— Lomakiniň guýrugyny ýamzyna gysyp gidişini gördüňiz, saryja ors yzyny köwlener ýaly bolmady heý! Indikisi nämekä bulaň?

Molla Muhammet jogap bermese ynjalmajagyny bilip şeýle diýdi:

— Meň bu gürrüňleri toslap tapmaýany-ma belli… Bu gürrüňi baryp birki hepde öň Kawkazda eşitdim. Belkem orslar eýýäm şu töwerekdedir, kim bilýär?

Batyr hanyň göwnüne ünjiň aralaşany daşyndanam aňdyrýardy. Dogrusy bu ýerdäkileriň birahatlanmadygy galmandy. Jaýa doly çäýnekler getirilip, boşanlary äkidilýärdi. Orslar hakda eşidenimden öten agşamky gören düýşüm, ejem bilen kakamyň keşbiniň göz öňüme gelmeýşi ýadyma düşdi.

Ýaňy bir gulaklar orslaryň geljek-geljeginden dynypdy. Bu gün ýene-de ýörüşli gürrüň orta düşdi.

Batyr hanyň ýüzüne konelişen aladalaryň buludy çökdi. Bu aladalar garşy-garşy gozgaýan köne ýaralara meňzeýärdi. Öýüň içini agyr dymyşlyk gurşady.

Meýdançanyň gyrasyndaky dërekleriň kölegesinde dik duran Adyna hanyň ýüzi gamaşykdy.Ol egni iňňeden çykma gyzyl donly, aýagynda aýna gonç ädigi günüň şöhlesine ýylpyldaýardy. Gyýma balagynyň gapdal jübüsinden Molla Muhammetden alan sagadynyň zynjyry görünýärdi. Adyna han il gözünden ogrynça, aram-aram jübüsinden sagadyny çykaryp, onuň süýşmeýän dillerine umyt bilen seredýärdi.

Adyna hanyň nökerleri Toýly, Myrat we beýlekiler onuň daşyny gaplap durdular. Ol ýoldaşlarynyň söhbetinden üzülmeýän ýaly bolup görünse-de, barybir bar küýi içerdedi, ýaşulylaryň geljek netijesine sabyrsyz garaşýardy.

Batyr han ahyry ümsümligi bozup:

— Her näçe kelle dowsegem, toýy dowam etmekden başga ýolumyz ýok. Eýýäm günorta golaýlap ýör. Bu wagta biz gelin alyp gelmeli ahyry… Men gudalara günorta çenli gelinalyjymyz barar diýip lebiz etdim. Är lebizden, koý bogazdan diýýä… Türkmenler başyny goýar welin lebzinde durar. Beter gijä galman ýola düşeliň! – diýip, ýaşulylara ýüzlendi.

Oturanlaryň içinde belli pikire gelip bilmeýänleri kändi. Batyr han: ”Allany çagyryp öň atlylary ugradalyň, kerwenem ýuwaş-ýuwaş barybersin, ýogsa aňyrdakylaram “näme boldyka?” diýip

kyn güne galar” diýip sözüniň yzyny ýetirdi-de, ýola gitjeklere ak pata ber diýýän şekilde ýerinden gobsunyp, gapdalrakda oturan Ahmet ahuna yşarat etdi.

Içerden Kuranyň aýatlary okalyp ugrandan, jaýyň daşyndakylaram ýerli-ýerden dyz epmäge başladylar. Ahmet ahunyň öz endigi boýunça hiňlenip okan aýatlary daşardakylara eşidilýärdi. Batyr hanyň “Ämin” diýen güňleç sesi geldi. Töwür galdyrylandan soň hemmämiz ýerimizden galdyk.

Jaýdan ilki aksakallar, olaryň yzysüre hem beýlekiler daş çykdylar. Batyr han ýaşynyň bir çene baranlygyna garamazdan hemişe şähdiaçykdy, ata atlananda jahyllara gaýra dur diýdirýärdi. Egnine possun atynan, kellesindäki garaköl telpegi has hem azmly görüňýäň Batyr han eýwana çykdy-da: “Aty getiriň!” diýip buýruk berdi.

Kimdir biri ylgaşlap meýdançany okkessir geçip gitdi, sähel salymdan gyr atyň jylawyndan idip yzyna köwlendi. At satanlakdy, ýaly ösgündi, geň galaýmaly ýeri boýnunda birnäçe gara tegmiller bardy. Hanyň aty-da, beýleki atlardan aýyl-saýyl tapawutlanýardy. Gyr at diňe Batyr hany golaýyna eltýärdi. Il içinde Batyr hanyň Gyr atynyň aňyrsy Göroglunyň atyna baryp ýetýämiş, toýnagy gyzansoň onuň yzyndan ýel hem ýetip bilmeýämiş diýen ýaly her hili gürrüňler bardy. Bu gürrüňleriň rowaýat däl-de, hakykatdygyna, Batyr hanyň atynyň şemaldanam ýüwrükdigine özümem şaýat.

Batyr han atlanýança hemmeler, üstünde gelin getiriljek kejebe gurnalan heşdek maýa-da, öňatlylaram, Tagan baýyň iki gäwmiş goşulan agaç arabasy-da, onuň üstündäki kerwene goşuljak aýal-ebtatlaram, erkeklerem ugramaga taýyn bolupdy.

Dabany ýer tozadýan, gyzmaç ýigitleriň birnäçesi ýola düşen kerwenden öňe saýlanyp galanyň demir derwezesinden ok bolup çykdylar. Olaryň galanyň daş ýüzünden asmana atylýan tüpeňiniň sesi Arkajyň düzüne ýaň salýardy.

Adyna han assa gülümjiräp deň-duşlary bilen ak öýe girdi.

Kerwene goşulan düýeleriň iň soňkusy jaýlaryň aňyrsyna öwrülip gözden ýitensoň men boşap galan meýdança nazar aýladym. O erde Molla Muhammediň sopbaş özi galypdy. Ol esli wagt göze görünmeýän ýüpe baglanan ýaly bir nokada seredip durdy-da, başyny ýaýkanyny duýman galdy. Soňra başyny aşak salyp goşuna tarap gaýtdy. Men ylgawymy ýazdyrman barşyma galanyň iç ýüzündäki basgançaklary bilen onuň üstüne çykdym. Kerwen öz maýdalyna galadan barha daşlaşyp barýardy.

Biziň galamyzyň diwarlary belentdi, başy ho-ol asmanda hellew atýardy. Diwaryň bişirilen kerpiçden örülen iň ýokarky bäs-alty hatary gyzylymtyl reňkde has-da göze ilginçdi. Kä-ýerleri bolsa ýaňý diş çykýan çaganyňky ýaly aňňy-tüňňidi.

Men galanyň her ýerräkde gurlan garawul diňine baryp, kerwen gözden ýitýänçä yzyndan garap durdum. Galanyň daşynda janly-jemendäniň hereketi kesildi, lemmer-lemmer gara bulutlar galanyň üstüni büredi. Barha güýçlenýän şemal olary kowalap kerweniň yzyndan ýetirmäge jan edýärdi. Birdenem, toplanyp bir-biriniň üstüni basan bulutlar çakyşaga-da gögi lerzana getiräýjek, şol çakyşmadan soň bolsa bedreden guýulýan dek çabga gelip galany suw-sil edip gidiberjege meňzeýärdi.

## Üçünji perdäniň owazy

## KERWENIŇ ÝOLUNDA GALAN GÖZLER

Galada galanlaryň mazasy gaçypdy. Nirä barsaň, niräňe seretseň orslaryň ýaňadan çozuşy hakda gürrüň edilýärdi. Molla Muhammediň getiren habary gündiziň günortany arassa Asmanda ýyldyrym çakan ýaly bolupdy.

Molla Muhammediň öz aladasy özüne ýetikdi. Galaň merkezindäki meýdançada ýaýradan harytlarynyň daş-töweregi adamdan ýaňa hyň berýärdi. Erkek bolsun aýal bolsun parhy ýok, her kim gerek zadyny soraýardy.

Emma adamlaryň ünjüsi, birahatlygy ýüzlerinden bildirip durdy. Gün ýaşmak üçin düýlenip ugrapdy. Göwünlere aralaşan ünji ulalýardy. Adamlaryň bir topary Batyr hanyň öýüniň daşyna üýşüpdi. Olaryň hemmesi bir adam ýaly Nurberdi hana seredişýärdiler. Batyr hanyň galada ýok günleri bar kişi Nurberdi hana gulak asýardy.

Maňa duran ýerimden Nurberdi hanyň ýüzi görüňmeýärdi, ýöne onuňam ýagdaýynyň hiç kimiňkiden enaýy däldigi aňdyryp durdy.

Kimdir biri gözüni kölegeledip uzaklara seredip durşuna:

— Basym agşam düşer, kerwenden weli habar-hatyr ýok. Nurberdi han ýeri muňa näme diýersiň? Näme etmeli?

Nurberdi han gaýga üstüni basdyrana:

— Nätmeden Hudaý saklasyn! Heniz agşama çenli maý bar ahyry. Wagtyndan öň basga düşmegiň hajaty ýok. Müň gaýgy bir iş bitirmez. Onsaňam biziň medetkärimiz Perwerdigär Alladyr!

Şeý diýdi-de, Batyr hanyň eýwanyndaky gülli keçäniň üstüne çökdi. Nas kädisini çykaryp, eliniň aýasynda jemlän nasyny diliniň astyna atyp göýberdi. Berk gysan dodaklaryny müňküldedip aşak bakyp oturdy. Häzirki pursatda onuň her bir hereketi iliň göz astyndady. Nurberdi hanyň bolşundan, hereketinden her kim bir many çykarýardy. Her näçe giňlik etse-de, hanyň ýüreginiň jümmüşindäki ünji-gaýgyň yzasy aýrylyp gidibermeýärdi.

Märekeden boýy saýlanyp duran Adyna han hemmelerden beter aladalydy. Onuň bir ýerde durmaga karary ýetmeýärdi, bir içeri girýärdi, bir daş çykýardy, bir oturýardy, bir turýardy, garşy-garşy sagadyna seredýärdi. Ak derekleriň uzyn hatarynyň deňinde bir öňe, bir yza ýöreýärdi.

Ol pälwansypatdy, gerdenleri tegelenip durdy, omurdanlary şiriňki ýaly öňe omzaýardy, deň-duşlaryndan me-saňa saýlanýardy. Onuň bü günki sowukganlylygyny ýitirip, özüni saklap bilmeýşi meni geň galdyrýardy. Ol garşy-garşy kisesinden elýaglygyny çykaryp ýüzündäki burçak-burçak der damjalaryny sylýardy.

Adamlaryň köpüsi galanyň daşyna çykypdylar. Her kim ilerdäki depäniň üstüne çykyp, boýunlaryny üzere getirşip kerweniň giden ýoluna garaýardy. Galanyň dort künjündäki asmana

göterilen garawul diňlere çykyp gelin alyp gelýänleri hemmelerden öň görmegi arzuw edip alyslardan nazaryny aýryp bilmeýänlerem köpdi. Birdenem garawul diňlerden kimdir biri: “Gelýäler, gelýärler! Hon-ha öňatly tozanlap gelýä!” diýip, çasly gygyrdy.

Hemmeler dem almasyny saklap ses gelen tarapa öwrüldi. Köp garaşylan habar dogrusy duýdansyz ýaňlanypdy. Emma, göwünlerimizi dolduran tolgunmalardan, ünjilerden soň eşidilen “Gelýäler” diýen habar ganat bagladyp guş bolup uçurypdy. Asmana zyňylýan telpekler galanyň diwaryndanam ýokary saýlanýardy, adamlar bir-birlerine: “Gözüň aýdyň!” diýişýärdiler, däri gapgarylan peşeňler çar ýandan gümpüldäp göçýärdi.

Adyna han şatlykly sesler eşidilip ugrandan gyssanmaç daşary çykdy. Daşyndakylar eýýäm uňjüni undup, oňa degisýärdiler. Begenjinemi, utanjynamy onuň elleri, aýaklary bir ýerde durmaýardy.

Nurberdi han ellerini galgadyp, şatlykly habara duýdansyzlykda üstüni basdyran adamlara görkezme berýärdi:

— A-how, näme öwelşip dursuňyz! Galaň gapysyny giňden açyň, Batyr han gelýä…Boluň, boluň, durmaň ahyry…

Garaşmakdan eňki giden gala birden janlandy.Gelin alyjylary garşylamaga taýynlanyp ugradylar.

Nurberdi han öz öýüne baka gyssanmaç ýöneldi, kän eglenmän, eline dutaryny alyp çykdy. Bu dutaryň arkama-arka geçip, iň ahyrynda Nurberdi hana gelip ýetendigine we hanyň ony gözüniň göreji ýaly saklaýandygyna hemmeler beletdi. Nurberdi han ädimlerini gowşatman Batyr hanyň eýwanyna baryp girdi-de:

— Adamlar, belläp goýuň! Kerweniň öňatlysynyň baýragy ynha, şu dutardyr!

Öňatlynyň aljak baýragy, dogrudanam deňsiz-taýsyzdy. Bu dutaryň täsin owazyny menem diňläpdim. Onuň kädisiniň daşyna oýulyp nagyşlar çekilendi, göreni özüne çekýärdi. Birdenem, dutara eýe çykjak atla gözüm gitdi. Onuň atyny gara suw edip galanyň derwezesinden girişi, “Adamlar gözňiz aýdyň, kerwen Babarapdan geçip gelýär” diýip habar berişi, Nurberdi hanyň elinden nagyşly dutary alyp maňlaýyna sylyşy göz öňümde janlandy.

Men ylgawymy ýazdyrman galanyň diňine tarap howlukdym. Dutara eýe çykjak ýigidiň kimdigini bilmäge gyssandym. Basgançaklaryň iki-üç tekjesinden üştiaşry towsup ýokarlygyna galdym. Ol ýere eýýäm köp adam ýygnanypdy. Olaryň hemmesi-de gözleriniň köküni gyryp kerweniň görünjek tarapyna seredişýärdiler.

Iňrik garalyp başlapdy. Gitdigiçe goýalyşýan garaňkyda gyr atyň sudury göründi. Galanyň dört künjündäki diňlerden şatlykly sesler eşidildi. Begenjine hemmler herekete gelipdi. Çagalar böküşýärdiler, ulular birek-biregiň gerdenine kakýardylar. At haý diýmän gala tarap golaýlaýardy. Birdenem mähelläniň sesi lowurdap ýanýan oduň üstüne suw guýulanda birden sönüşi ýaly tapba ýatdy. Atyň üstünde hiç kim ýokdy. Ol ýekedi we haly perişandy. Mundan soňky iniňi düýrükdiriji duýgular duýdansyz, göz açyp ýumasy salymda adamlaryň erkini ellerinden alypdy. Adam bary aňk bolup galypdy. Men galanyň depesinde toplanan şabyrdap ýagmaga taýyn gara bulutlar ýagybam bilmän, agramyna-da bäs gelip bilmän başymyza çökäýermikä öýtdüm.

Nädip galanyň diňinden aşak düşenim ýadyma düşenok. Derwezeden gala girip gelýän gyr atyň töýnagynyň başly-barat sesi ýüregimiň urgusy bilen deň çykýardy. At, Batyr hansyz yzyna

gelenine namys edýän mysaly başyny göterip bilmeýärdi. Ol ýüzüni sallap galanyň ortasyndaky meýdança geçip barýardy. Adamlar öz gözlerine ynanmaýardylar. Alaçsyz halda, tykgyrdap deňlerinden geçip barýan atyň yzyna düşüp, meýdança tarap gaýtdylar.

Halaýyk agzyna suw alan dek gepsiz-gürrüňsiz aňk bolup galypdy. Hiç kimiň hat-da hyýalyna gelen çaklamalarynam daşyna çykarasy, uçursyz bir belanyň gopanlygyna ynanasy gelmeýärdi. Meniň gulaklarymy dykyp eşitmejek bolýan sözlerimi, içimden haýsydyr bir güýç gaýtalaýardy: "Boljak iş boldy, ynan!".

Bu sözlerden aýagym çolaşýardy, başym aýlanýardy, kelläme taýak bilen urlan ýalydy. Men elimde baryny edip Batyr hanyň öýüne ugradym.

Barsam eýýäm hemmeler bu taýa, gara suw bolan atyň daşyna üýşen ekeni. At janawar: "Menden zat soramaň" diýýän dek, ýalyny ikiýana bulaýardy. Uzyn-uzyn kişňeýärdi. Onuň kişňeýşi aýdym aýda-aýda sesi gyrlyp giden bagşyny ýadyňa salýardy.

Nurberdi han bu ahwalata uzak seredip durup bilmän baryp atyň boýnuna elini goýdy, ýalyny, daýanykly omurdanlaryny sypalady. Olaryň ikisi bir-birlerine düşüňýän dek esli wagtlap ynjalykly kadda gelip bilmediler. Batyr hanyň gyry bu derdinişmä çydap bilmän ýer peşedi-de, art aýaklarynyň üstüne galyp bar güýjüne aýylganç kişňedi.

Nurberdi hanyň gözlerine ýaş aýlandy. Adyna han bolsa bu bolup geçýän ahwalatyň düýşüdigine-de, huşudygyna-da ynanman, ýüregi sogrulan dek gözlerini alaçsyz tegeläp galypdy. Onuň tegelenen gözleri bir zadyň omurlyp, döwülip barýanyny görýäne meňzeýärdi.

Nurberdi han Adyna hanyň ýanyna geldi-de onuň golundan tutdy. Ol goluň çiginleri gahar-gazapdan düwülip köýneginiň ýeňini ýyrtaýjak bolýardy. Handan ses-seda çykmaýardy. Diňe Adyna hanyň: "Hany kerwen? Hany kakam?" diýip, berk gysan dişleriniň arasyndan çalaja pyşyrdany eşidildi.

Aýallar, olaryň yzysüre hem çagalar aglaşyp başladylar. Molla Muhammet dukanyň tekjesiniň aňyrsyna geçip, şybygyny temmäkiden doldurmaga durdy. Aýallaryň agysy uly orlaşyga ýazypdy. Molla Muhammet olaryň sesini eşidip, çilimini uzyndan-uzyn sordy, soňra ellerini dyzyna urup: "Lä ilaha il-allah! Özüň gowusyny edeweri Allam!" diýdi-de ýerinden galdy.

Ahyry Nurberdi han gataňsy ellerini Adyna hanyň golundan aýyrman durşuna adamlara ýüzlendi:

— Adamlar, entek, ruhdan düşerden irdir. Men Batyr hanyň diridigine Allanyň birligi ýaly ynanýan! Görüň-ä, onuň atyndan gan çykan ýeri ýok, diýmek basga düşer ýaly bahana ýok!

Nurberdi han her häçe giň göwünlik etmäge çalyşsa-da adamlaryň özüne doly ynanmaýanlygyny aňýardy. Ýola gidenleriň yzynda galanlaryň barybir saly suw üstündedi. Nurberdi han ýaş-ýeleňlere garap:

— Baryň, eli ýarag tutanyň atlanyň, haýal etmän kerweniň ugruna çykmaly!

Ýigitler onuň bu sözüne mähetdel atly-atyna garşy ylgady. Adyna han bykyny gylyçly, eli hyrly tüpeňli atlanyp, hemmeden öň yzyna geldi. Ýigrimä golaý atly toplanan dessine Nurberdi han Adyna hanyň üzeňňisinden tutup durşuna olara iň soňky sargytlaryny tabşyrdy:

— Ýolda-yzda esewan boluň! Gelin getiriljek oba howlugyň, kerweniň baranny-barmanny

anyklaň! Gaýypdan bir ahwalata uçrasaňyz gala çapar ugradyň, biz gelýänçäňiz garaşjakdyrys.

Öňlerinde nähili garaňky işleriň duranlygynyň bir çetini aňýan ýigitler duran-duran ýerlerinden atlaryny gamça basdylar. Olar galanyň derwezesinden ok ýaly atylyp çykdylar.

Atlylar gidensoň dünýäň ähli ýüki ýeke öz başyma düşen ýaly halda galypdym. Demime sorýanym howa däl-de, gyzgyn çäge, gyzgyn gurşun bolup demligimden geçýärdi. Meýdançadan daşlaşyp barşyma galanyň diňine çykmaga hyýal edýärdim. Emma, aýaklarym diýen etmeýärdi. Aty gelip, özi galan Batyr hany gaýdyp hiç mahal görmerin diýen pikir bile ölsemem ylalaşyp biljek däldim. Meň haýyma-waýyma bakman kelläme ornaşmak isleýän wehimli oýlary kowmaga gurbatym çatmaýardy. Asla, göwrämi götermäge-de mende güýç galmandy, köýnegimiň ýakasyndan mäkäm ýapyşyp özumi saklajak bolýardym. Diňe, dilime öz-özi gelýän: “Allajan özüň gora! Biziň dadymyza özüň ýetişeweri jan Alla” diýip gaýtalaýardym. Gözümiň öňünde nokatlar, suw köpürjigi ýaly düwmejikler, çüýşe ýaly damja peýda boldy. Onuň aňyrsyndan tozana siňip barýan, biri-birine gatyşan ýigrimi atly uzaklaşyp barýardy.

Zordan garawul diňine çykdym, gaýgy-hasratdan ýaňa mejalym galmansoň, düşelen kerpijiň üstünde şüýndim. Ýürek öz ýerine sygmaýardy. Ol şeýle bir çişip ulalypdy welin, içimde dem almaga ýer göýmandy. Birdenem men dodaklarymyň, eňeklerimiň gagşap gidýändigini duýdum. Gözüm garaňkyrap, endam-janymy galpyldy eýeledi. Gözüme ilýän zatlaryň bary bir ýana gyşaryp, ýykylyp barýardy. Ýerinden süýşüp, ornuny üýtgedýän dünýäni saklap biljek güýç galmandyr. Şol çagşap barýan dünýäniň jümmüşindenem Batyr hanyň sesi gelýärdi: “Mert bol oglum! Mert bol!”

Şapak gyzarypdy. Narynç reňke boýalan Gün gan ýüzünde çaýkanýan gaýygyň içine girýän mysaly ýaşyp barýardy.

### Dördüňji perdäniň owazy

## ÝAS TUTÝAN HALAÝYK

Agşam düşüpdi. Daş-töwerek dym-dyrslykdy. Meniň göwnüme bolmasa alnymyzdan ýylyň iň garaňky, iň uzak gijesi çykypdy. Hiç kimiň gözüne uky gelmeýärdi. Giden atlylar daňa golaý gaýdyp geldiler. Ne at aýaklarynyň, ne at üstündäkileriň, ne-de tüpen sesi bardy. Adamyň özüne däl-de, kölegesine meňzeş ýigrimi atly galanyň içine girdi.

Olar ýeke däldi. Olaryň eýeriniň üstünde ýa erkek kişiniň, ýa-da aýal maşgalanyň jesedi keserdilip basylandy. Bu hadysany gören gala bir göwrä öwrülip aga doldy. Soňy gelmez görünýän orlaşykdan turan gopgun galanyň üstünden aýrylmajaga meňzeýärdi. Saçdy penje-penje ýolunýan. Bogaza dykylan düwünlerdi ýarylýan.

Ahmet ahunyň agşam namazynyň azanyny niçiksi aglaman aýdyp bilenine ynanmak kyndy.

Getirilen jesetleriň ýüzüni kybla öwrüp, metjidiň gaýrasyndaky ak dereklerin aşagynda goýdular.

Pajygaly, biwagt gelen ajalyň ysy çar tarapa ýaýraýardy. Kerwen bilen gelin almaga gidenleriň içinde diňe Batyrhanyň jesedi tapylmandyr. Gidenleriň barmadyk obasy, sökmedik ýodasy galmandyr, emma galanyň arkadagynyň läşiniň üstünden baran bolmandyr.

Bu jelegaýlaryň gözüniň göreji Batyr hanyň kysmatynyň keçliginden ýaňa etjek alajymyň ýoklugyna çydaman nirädir bir ýerlere başymy alyp gaçyp gidesim gelýärdi.

Özümi sag-aman öýe bir ataýyn diýen niýet bile ilerligine ugradym. Bäş ädim geçip-geçmän yzyma gaňrylanymy duýmandyryn. Jesetleriň hersiniň baş ujunda pelteli çyra pyt-pytlap kynlyk bilen ýanýardy. Çyralar hatara düzülip goýlan merhumlardan baky aýrylyşýandygyna düşünýän dek kem-kemden öçmäge hyýal edýärdi.

Zordan ädilýän aýaklarym meni garypja çatmama sag-aman aşyrdy. Girişime bir böwüre çokdüm. Öňlerem şular ýaly teň hala düşemde, öýüň bir böwründe galman oturýardym, az-owlak özüme gelemsoň şatudyň töňňesinden ýasan dutarymy ele alýardym. Tohumy Balhdan getirilen şatut gör-bak nijeme ýyllap häzirki gyzyl-gana bulaşyp ýatan jesetleriň ornunda şahalaryny düňýä ýaýyp oturypdy.

Ellerim, barmaklarym diýenimi etmejek bolýardy. Ünsümi bir ýere jemlemek üçin dutarymyň perdelerinden nazarymy sypdyrmazlyga çalyşýardym. Emma bolmajak bolsa bolmaz ekeni. Dutaryň sapyndaky, gapagyndaky şahalar kesilensoň göz-göz bolup galan yzlar bu gün atyň eýerine basylyp getirilen şehitleriň gana boýalan gözlerine meňzeýärdi. O şekiller ýene az salymdan bolsa iň soňky demine çenli duşman bilen garpyşan är ýigitleriň gazaply ýüzlerine öwrülýärdi.

Dutaryň kirişlerine elim degenden olar sandyrap titräp gidýärdi we özboluşly bir heň emele gelýärdi. Indi gaýdyp biziň aramyza dolanyp gelmejek tanyşlaryňdan duýdansyz aýra düşmegiň nalyşy küýzeden çogan suw dek perdelerden öz-özi akyp durdy. Diregi çöken çatmajygymda baky aýraçylygyň hasraty ýaňlanýardy. Wagt geçer, belkem uzagyndan şu günki ak derekleriň aşagynda hatarlanyşyp ýatanlaryň keşbini göz öňüne-de getirip bilmerin, ýöne aýralygyň hatyrasyna ýüregimden gaýnap gaýdan owazy eşidemde welin edil şu günki ýaly aglaryn.

**Bäşinji perdäniň owazy**

## ORSLAR GELDI

Bu gürrüňi kimden eşidenim ýadymdan çykyp gitse-de, manysy hakydamda hemişelik galypdyr: “Adamzadyň her güni şuwlap geçen ýele meňzeýär, käte
arkaňdan, käte-de garşyňdan ösýär. Barybir günler ýel kimin ötüp geçýär, olardan ýatlamalardan başga zat galmaýar” Adamzadyň şatlygam, gaýgysam baky däl,
baky zat olary gezekleşdirip getirip duran durmuş kanuny. Şol pajygaly wakadan soň birnäçe güň geçdi. Oba kadaly ýaşaýşyna dolanyp geldi. Meň elim işe barmaýardy. Hat-da gapydaky mallary örä kowmaga ýa-da öňküler ýaly galanyň diňine çykyp günüň doguşyny ýa-da gyzyl ot bolup ýaşyşyny synlamaga-da höwesim ýokdy. Esli günläp galanyň içinden çykman güýmenen bolup ýöremsoň ahyry dowarlary galanyň daşyndaky öri meýdana çykarmagy ýüregime düwdüm.

Artykmaç gymyldy janyma ýakmasa-da, giň meýdana çyksam dünýäm giňäýjek ýalydy. Gül-gülälege bürenen sähra hasratdan gurşup giden ýüregimi janlandyrar diýen inçejik tamam bardy. Gün mazaly ýokary galyp, günorta golaýlapdy. Arkajyň düzünde gögeren güller al öwüsýärdi. Goýundyr guzylaryň endigan pyşgyrmasyndan başga bütin älemden ses-seda çykmaýardy. Men baýyryň gerşine çykyp daş-töwerege göz aýladym. Aşakda dyza ýeten çemenlikde agyp-dönýän suriň serkesiniň janynyň sesi gelýärdi.

Mallaryň gapdalyna seňkilläp ýadan goýun itim ýanyma gelip süýndi. Öň aýaklarynyň üstüne gaba kellesini goýup gözlerini ýumdy. Goýunlar otlamakdan bizar bolandyklaryny görkezmek üçin bir-biriniň gapdalyna baryp toplanyşyp ugradylar.

Uzakdan gala gara çyzyk bolup görünýärdi. Daş-töwerekde özümden başga ynsyň garasy görünmänsoň ýekelikdenmi nämmi kerwene gidenleriň at eýerine ýüklenip getirilen aýylganç güni ýadyma düşdi. Ynha, bu gün ýene-de gyzyl dona bürenen däli meýdanlaryň ýaraşygy, gyr atyna atlanyp awa çykanda ala meýdanlary janlandyran, yzyndan garap galan çagalary, ululary buýsandyran Batyr hanyň gürüm-jürüm ýitmegi maňa hiç ynjalyk bermeýärdi.

Depämden basýan pikirleriň gaýdyp gelmegi ýene-de dem almamy kynaldyp ýüregimi gysdyrdy. Mydama ýanymdan aýyrmaýan dutarymy gabyndan çykardym. Oturan ýerimde ymykly ornaşdym-da dutaryň tarlaryny bir perdeden düzdüm. Assajadan “Garybymy” tirňildedip ugradym. Bir ýerlerden uçup gelen mollatorgaý asmanda asyl-asyl bolup durşuna ganatlaryny kakmaga başlady. Mollatorgaýyň ganatlarynyň şabyrdysy bilen galadaky toý güni gäwmişe dakylan araba münüp gidenler, çöküp oturan ýerinden çaýkanyp turan heşdek maýanyň üstündäki kejebe, paýyrdadyp asmana ok atan ýigitler göz öňüme geldi. Birdenem men Batyr hanyň atynyň ýer peşäp çarpaýa galyşyny ýaňadan gördüm…

Häzir atyň aýylganç kişňemesi dünýäni doldurar öýtdüm. Emma, oňa derek bütin älem-jahan ak dumana boýaldy durberdi. Kerweniň giden tarapyndan çogup çykan
ak bulut topbagyny bozman göni maňa tarap süýşüp gelýärdi. Lemmer-lemmer ak bulut golaýlaşyp, göz açyp ýumasy salymda çigillemleriň, jümjümeleriň üstüni örtüpdi.

Meň gözümiň öňünde janlanan ýüzler, keşpler gaýyp bolup gidýärdi. Hat-da Batyr hanyň tanyş keşbi hem öz-özünden eräp gidene dönüpdi. Gapdalymda ýatan agras köpek üýrüp başlady. Onuň sesi adatdakylardan üýtgeşikdi, gazaplydy. Ukudan oýanan dek gözlerimi açdym: goýun iti sülekeýini erninden akdyryp, dişlerini gyjyrdadyp erbet hyrlaýardy.

Möjegiň ýa-da gaýry haýwanlaryň, keseki itleriň bir menzilden ysyny almaga endik eden köpegiň beýdip ynjalykda gaçyşyny birinji sapar görýärdim. Barha golaýlaşýan atlaryň hokranmasy we olaryň toýnaklaryň sesi eşidildi. Aljyrap daş-töwerege garanjakladym. Ilki öz gözlerime ynanmadym. Baýyryň aňyrsyndan sap-sap bolup ors leşgerleriniň göwresi kem-kemden ýokarlygyna saýlanýardy. Olaryň ýaragy, esbaby gurgundy. Atlaryň dükürdisinden ýaraglaryň günüň yşgyna ýalpyldysynyň göz gamaşdyrmasyndan ors esgerleriniň ummasyz köpdügini bilmek kyn däldi. Sanajak bolsaňam olara san ýeter ýaly däldi. Olar howlukman depäniň aňyrsyndan ýokary galyp gelýärdiler. Men dutarymy hasyrhusur gabyna saldym-da çopan taýagymy alyp ýerimden galdym.

Bu ahwalatyň düzüwliligiň alamaty däldigini mallaram syzyp, ilki-hä diňşirgenişdiler soňra-da bir-birlerine gyslyşdylar. Köpek agzyny hatap ýaly açyp üýrmesini dowam edýärdi.

Orslar indi depeden bärligine eňip ugrapdylar. Nyzama durup ädimleýän esgerler beýikden pese hasam çalt ýöreýärdiler. Olaryň barha golaýlaşýanyny halamadyk köpek azymly üýrdide-de öň

hatardaky esgerlere topuldy. It bat alypalmanka gürpüldäp tüpeň sesi çykdy. Köpek asmana bökdi, döşüniň üstünden çogdurylyp çykýan gan çigillemlere syçrap gitdi.

Men beýdip gol gowşuryp durmaly däldigini bilýärdim. Emma şu ýagdaýda näme etmelidigini aklyma aýlap bilmeýärdim. Çopanyň taýagyndan başga nämesi bar diýsene!? Gaharyma elimdäki egri taýagy aýlap, itimi atan esgere saldym.

Howadan kelemenläp baran egri taýak gaýşaryp gelýän esgeriň edil dik depesinden patlap iýndi. Ol ýere ýazylyp gitdi.

Nyzamyň yzyndan ýöräp gelýän uzynak ors bir zatlar diýip gykylyklady.Men zyňan çopan taýagymy almaga ylgajak boldum. Ýene tüpeň sesi ýaňlandy. Edil alkymymdaky goýun serilip gitdi. Mallar tasygyp dargap başlady. Golaýymda mal galmady. Men nyzamdaky esgerleriň arasynda özüme özüme tarap tüpeň çeneýänleri gördüm. Birden arkamdan nätanyş bir dilde ses eşidildi. Ýeňsäme öwrülsem, gaşly papagyny maňlaýyna çümrüp geýen biri azmly gygyrýar. Onuň
bu bolşundan nyzamdakylara buýruk berýändigi aňdyrýardy. Ol ýylanyň agzyndan çykan dek boýnuny silkip duran dor atyň üstündedi. Sag goluny ýokary göterdi-de, bir zatlary yşarat etdi, atyny göni meniň üstüme sürdi. Edil bäş ädim öňümde atdan böküp düşdi. Aýagynda dyzyna çykyp duran aýnagoňç ädigi bardy. Elindäki teletin uçly gamçysyny oýnadyp maňa tiňkesini dikdi.

Daýanykly pyýadanyň özüne laýyk edilip tikilen harby lybasy bardy. Gerdenindäki pogonlarynyň seçekleri hereketine görä öwşün atýardy. Onuň beýlekilere görä ýolbaşçýrakdygy me-saňady. Ol bir maňa birem sürä seredýärdi.

Goýunlar biri-birine gysylyp haşlap durdylar. Elindäki gamçysyny oýnamasyny bes etmeýän ors kemendiri: “Ýakşi-i, Eý, kiçi jigit! Sen mana ýarady bar..” diýip ýyrş-ýyrş etdi.

Men häli aljyrap oňa başga, düşnüksiz bir dilde gürleýärmikä öýtsem, asyl ol türkmençe aşa şüýndirip gürleýärdi we kynlyk bilen sözlemini jemleýärdi. Papagyny çümre geýensoň gözi görünmeýärdi. Hortapdy, gara murtlary jaýtaryp durdy.

Ol meni boýdan-başa täzeden synlady-da:
— Seniňki oglan niçiksi obadan?

Men oňa jogap bermedim. Asla oň bilen gürleşmek hem islemeýärdim. Ok degen goýnumyň janhowluna agyr haşlamasyndan ýaňa bokurdagym dolupdy. Demim damagyma dolup geplemäge maý bermeýärdi. Orsuň kemendiri gala tarap gamçysyny uzadyp: “Sen şo galadanmy?” diýip sorady. Men ýene-de sesimi çykarmadym.

- — Hä, näme geplemeýärsiň-ä? Galada atlylar köpmi? Galaň goragy gaty berk diýýäler, şeýlemi?!

Bokurdagyma tegek bolan düwün has ulalan ýalydy. Asyl, häzir gepläýemde-de sesim daşyma cyzjak däldi. Ol gamçysynyň sapyny meni alkymyma ýetirip bat bilen ýokary galdyrmakçy boldy. Men ilkinji gezek onuň gözlerini gabat garşymda, golaýdan synladym. Ol arkaýyn meniň ýüzüme seredýärdi we onuň jümjüme güli bilen reňkdeş gök gözleriniň aňyrsynda niçiksi tüweleýiň gizlenip ýatanlygy näbellidi. Ol: “Galanyň ady Gökdepemi, şeýle dälmi?” diýip sorady.

Jogaba garaşman gamçysy bilen ýüzüme urdy. Gamçyň awusyna ýüzüm laplap gyzýardy. Men ýigreňç bilen oňüň çypar ýüzüne garadym. Meniň bolşuma jany ýanan kemendir duýdansyz

ädikli aýagy bilen içime depdi. Beýle haýynlyga garaşmamsoň arkanlygyna tüwdürlip gitdim. Içimi tutup büküdip towlandym. Ol gözüni alardyp gaty ses bilen:

— Biz seň özüňem, mallaryňam äkideris! General Skobelew gökdepelini golaýdan görmegi arzuw edýär! – diýdi. Soň bolsa öz dilinde bir zatlar diýip alagalmagal turuzdy. Men onuň sesini aýyň sesine meňzetdim.

Birden, guýunyň içinden gelýän dek gulagyma serkäniň jaňynyň sesi eşidildi. Ol äwmän gelşine meniň öňümde saklandy. Dag yaly öwejiň gözlerinde edil doganyň, agaň ýa-da dostuň görejindäki ýaly mähribanlyk bardy. Serkäniň burum-burum şahyndan mäkäm ýapyşyp ýerimden galdym. Şol barmana-da arka tarapdan bir esger ýanyma geldi we sögýäne meňzeş edip gygyrdy. Ol maňa eliňi galgadyp öňe ýöre diýýän ekeni. Men seň gepiňe düşünemok, aslla düşüňmegem islämok diýmek üçin oňa tarap öwrüldim. Görsem ol hälki meniň taýagymdan awunan daýanykly esger ekeni. Meniň ýerimden butnamajagymy aňansoň ol tüpeniniň gözüne ok surdi-de göni maňlaýyma çenedi. Ol agzyndan gelen paýyş sözleri aýdyp maňa azm urýardy.

Men onuň çypar sary gaşynyň büzülip-ýazylyşyna, maňlaýynyň gasynjyklaryna ýygnanan der damjalaryna syn edýärdim. Az salymlyk ikimiziň nazarymyz kaklyşdy. Onuň gözleri aýnadan ýasalan dek ýyldyraýardy, asyl ol gözler ömründe gyrpyldan gözede-de meňzemeýärdi. Ol arasyny kesmän sögünmesini dowam edýärdi, iň soňundan: “Perýot jigit, perýot!” diýip, tüpeňiň gundagy bilen ýeňsämden itdi.

Men ýigrençden we gahardan göwräme zor edip öne ätledim. Egerde kemendiriň meni diri galdyryň diýen buýrugy bolmadyk bolsa, çopan taýagyndan awunan ýeňsesini tutup gelýän esger birmahal maňlaýymdan garsyldatjakdy. Men goş haltamyň ýatan ýerine baryp, zatlarymy ýygnaşdyrdym. Orslaryň goşunbaşysynyň ýanyna tarap eli tüpeňli esgeriň öňüne düşüp öz erkimiň garşysyna gidip, ýöräp ugradym. Yzda galanlar süriniň daşyny gabap meniň yzym bilen garama-garama kowup ugradylar.

Orslar ýolboýy haha-haýda-wahahaýdy. Men olaryň gülküsine-de, gürrünlerine-de düşünmeýärdim. Olaryň tüpeňleriniň günüň şöhlesine ýalpyldaýan nilleri, kemendirleriniň gamçysy we içime depeniň aýna gonç ädikleri meni ömrümde uçuramadyk nätanyş dünýäme itenekläp alyp barýardy. Ol dünýä meniň üçin sowukdy, kesekidi we ýigrenjidi. Meniň ädik ökjesinden awunmagym iň soňky gezek däl bolmagy hem gaty ahmaldy.

Öňki ýaşan tanyş dünýämden barha daşlaşýandygym, onuň asla indi dolanmajakdygy hakdaky pikirler serime gelip-geçende arkama gyzgyn tagma basylýana dönýärdi. Men ömrümde birinji gezek göbek ganym daman galadan uzakda günümi ýaşyrmalydygyma düşündim. Öňümde näçe gijäniň ömrümde görmedik adamlarymyň, kesek ýaly sowuk kesekileriň arasynda geçjekdigi belli däldi. Garyp çatmamdan, onuň töründe pyt-pytlaýan ýag çyranyň yşygyndan alysda, Ahmet ahunyň labyzly azan sesini eşitmän nädip günümiň geçjekdigi hiç aklyma sygmaýardy.

**Altynjy perdäniň owazy**

## ORSLARYŇ ARASYNDA

Ilki Asmanyň öňüni gara bulutlar tutdy. Soňra orslaryň müň topy birden atylan dek daş-töweregi sarsdyryp gök gürledi.

Ýyldyrymyň çakmasyna atlar ürküp, toýnaklary bilen ýer gazap başladylar. Älem-jahan dem alasy pursat ýagtylyp, yzysüre hem tümlüge gaplandy. Uzak garaşdyrman çabga geldi-de, dünýäni suw-sil edip gitdi.

Ýagyş uzaga çekmedi. Ýagyp, awusyny pürken gara bulutlar kem-kemden dargaşyp ugrady we ýassa çenli gögüň ýüzi açylyşdy.

Galada ýassy namazynyň azany aýdylar uçurlary biz orslaryň çadyr gürap, goş ýazdyran ýerine ýetdik. Hatara düzülen esgerler deýin eginlerini deňläp oturan çadyrlaryň aňyrsy-bärsi görüňmeýärdi. Çadyr üstüne çadyrdy. Gerişleriň üstünde birnäçe top gurlandy. Orslaryň toplary galadaky bize aýdyşlaryna görä “Top ýatdy” söweşinde olja alnan ýeke topumyzyň hili däldi, äpet bir zatlardy, daşynda bäş-alty adam aýlanyşyp ýördi.

Çadyr gurlan meýdanlar esgerleriň ädiginden, atlaryň toýnagyndan ýaňa tozup, gök ot-çöpden nam-nyşan galmandy.

Bu adamlaryň mallaryň örüsi hakda gaýgy etmeýändigi görnüp durdy. Olar aýagynyň astyna göz aýalaýan adamlara meňzemeýärdi. Islän ýerlerinde ot ýakyp, islän ýerlerinde ganaw gazyp, etjeklerini edişip ýören jemendeden her zada garaşybermelidi. Olaryň arasynda gökden düşen ýaly bolup ýörşüme bu jülgäniň sonarynda uly sürüni güýze çenli bakyp boljakdygynyň hasabyny çykarýardym.

Meni gören ors esgerleri aňkaryp seredişip galýardylar. Yzymdan mallary sürüp getirenlerinde olaryň heşelle kakaýyşlaryny bir görsediňiz! Eger-de ýüzbaşylarynyň gykylygy azymly çykmadyk bolsa, olaryň hersi bir toklyny diriligine ýuwutjaga meňzeýärdi.

Meni çadyrlaryň orta gürpüne eltenlerinde, eli gamçyly kemendiriň atdan böküp düşenini we onuň daşyny gallap alanlaryny gördüm. Ol başyndaky gaşly papagyny söbügine düşüp ýören birine berdi-de ýerkümä meňzeş çadyrlaryň birine sümlüp gitdi.

Ýatar wagty golaýlaşypdy. Emma, orsalaryň yatma bilen küýleri ýokdy. Birnäçesi meniň golaýyma geldi. Olardan biri tüpeňiň gundagy bilen arkamdan itdi. Ýöräp ugradym. Gözümiň gytagyny sürime aýladym. Birnäçe ors ony gabap alyp gelýärdi.

Her çadyryň golaýynda ot ýanýardy. Esgerler oduň daşyna aýlanyşyp, ala-galmagal turuzýardylar, olaryň hersi ellerindäki ýarsy içilip, ýarsy içilmedik çüýşelerini ýokary göterip bokurdaklaryna guýýardylar. Olaryň tüýsi, ala-wagyrdysy maňa ýatdy, sowukdy.

Men olaryň ählijesini ýigrenýärdim. Atasynyň öýüne gelen dek çüýşäniň bokurdagyndan arak içişip şagal mesligini guruşlaryna, oduň başynda böküşip tans edişlerine myrryhym atlanýardy. Olar öňde-soňda hesret çekmeli boljakdyna ynanmaýardylar. Goýündyr-guzylaryň ne gözel ýaýnajak ýaýlasyny depeläp püçege çykarandyklary gara ýatlaryna hem däldi. Sebäbi barybir bu ýerler olaryň Watany däldi. Olar bu ýere adam öldürmäge gelendiklerini anyk bilýärdiler. Topdur-tüpeňleriň, naýzalaryň güýji bilen biziň at çapdyryp gezen ýaýlamyzy, owlak-guzy bakyp ulalan sähramyzy özlerine bakna etmäge gelipdiler.

Meni çadyrlaryň iň soňky hataryna eltdilerde, ýerkümäniň alkymynda eli ýaragly duran esgere tabşyrdylar. Öz dillerinde birzatlar diýişip gülüşdiler.

Garawul pagsadan galdyrylan kümäniň gapysyny açdy. Men bir giremsoň daşaryny görmegiň hylalla boljakdygyny bilemsoň yzyrakdan sürlüp gelinýän mallary nädýändiklerini görjek boldum. Mallary kümäniň çep tarapyndaky oýa gabadylar. Arman, arkamdan inen gundagyň awusy mallaryň nähili güne düşjegini ahyryna çenli görmäge maý bermedi.

Men südeneкläp itilmekden kümäniň içine ýykyldym. Garawul şatyr-şutur gapynyň gulpuny aňyrsyndan bekledi. Ýagyrnymyň agyrysy biraz kiparlasyn diýip, gymyldaman ýatdym. Garaňky bilen gözüm öwrenşip ugrady. Kimdir biriniň elini egnime goýanyny duýup gorkdum. Yza çekildim. Gapynyň jaýrygyndan gelýän ýagta garşymda bir erkek kişiniň duranyny saýgardym. Ikimizem biri-birimize çiňňerlip bakýardyk. Birden garşymdaky adamyň ýylmanak ýüzi ýagtylyp gitdi. Has ýakynyma gelen ol adamyň demi ýüzümi çawap gitdi.

— Ýaşbagşy! Asyl bu sen ýalyla-how!

Men geň galdym. Allajanlarym, bendilik ýerzemininde meni tanaýan kim bolup biler? Ol adam ikinji gezek adymy gaýtalady. Bu ses maňa tanyş sesdi. Onuň gaşlary, bakyşy maňa gaty ýakyn adamy ýatladýardy. Batyr han! Emma onuň uzyn çal sakaly bardy ahyryn?

Gala getirlen jesetleriň arasynda Batyr hanyň ýokdugy hälki ýyldyrym ýaly beýnimde çakyp gitdi. Bu ol! Batyr han! Hernäçe begensemem, hak hossaryma ýeriň üstünde, dünýäň giňinde däl-de şular ýaly ýerkümede sataşanyma hamsykdym. Bütin göwrämi saklap bilmän eňşäp Batyr hanyň gujagyna ýykyldym. Batyr han şol gadymky sesi bilen: “Mert bol oglum, mert bol. Mert kişi aglaýan däldir” diýdi. Emma bu sesi häzir oýalygymda eşidýändigime ynanýardym. Ol ukudaky sesiň gelişi ýaly uzak bir ýerden gelmän gulagymyň alkymynda aýdyldy. Bu şol ýumşak mylaýym ses!

Biz birek-birege dyz degşir oturyp kän gürrüňleriň başyny agyrtdyk. Ol sözümi bölmän galadaky bolup geçen wakalary başdan-aýak diňledi. Söňra özi başyndan geçenleri aýdyp berdi. Ol gelin almaga ýola çykan kerweniň üstüne orslaryň çozuşyny, ýagy bilen ýüzbe-ýüz söweşen galanyň batyrlarynyň edermenligini ýekän-ýekän ýatlady. Batyr han hergiz beýleki ýigitleriň jan alyp jan berişi hakda gürrüň bererdi. Bu gezegem şeýle boldy. Ýöne, obamyzyň ýaş ýigitleriniň şir kimin ganyma topulyşlaryny gören Batyr hanyň ganatlanyp, özüniň ona-ýigrimä taý gelenligi, gözleri gök çüýşe ýaly ýylpyldaýan ors esgerleriniň galabasynyň läşini serendigi şeksizdi. Urşuşyndanam galadakylaryň serkerdesidigini tanandyklary bes-bellidi. Ony şonuň üçinem öldürmän ýesir alypdyrlar. Gürrüňini tamamladym diýip hasap eden Batyr han ”Indem ertire çyksak”-diýip sözüne nokat goýdy.

Men onuň näme diýmekçi bolýanlygyny haýdan-hay anyklamak isledim.

— Hä, o nämäň ertiri?

— Ertir, meniň aýagyma-elime gandal urup Skobelewiň ýanyna eltjekler.

— Näme, Skobelewiň özi bu ýerde dälmişmi?

— Ýok, onuň düşlän ýeri hem bu ýerden gaty uzakda-ha bolmaly dälmikä diýýän…

Sözüne dyngy beren Batyr han uludan demini alyp arkasyny ýerkümäň diwaryna diredi.

— Meniň şo generaly bir golaýyndan synlasym gelýä. Göreli, türkmen düzlerini gana boýamagy niýet edeniň kimdigini? Görmäge gözümiziň nury sag bolsun, eziz Allam!

Gürlän mahaly gaharyna Batyr hanyň duluklary titreýärdi. Sakalynyň syrylandygy üçinem bolmagy mümkin, onuň ýaňaklary çekilip, ýüz-gözi horlanan ýalydy. Ýüzünde birnäçe ýara yzlary hem bardy. Maňlaýy ýygyrt-ýygyrtdy. Nazaryndaky gaýgy-hasrat içiňden geçip barýardy.

Men ara böwşeňlik düşende indi nämelere garaşmalydygy, orslaryň güýji hakda soradym. Ol maňa:

— Şu ýerde görenleň orslaryň bar goşunydyr öýdýäňmi? – diýip sorag bilen ýüzlendi. Soňra-da maňa garaşman öz-özüne jogap berdi:

— Bu orslaryň öň hatary bolmaly, Skobeliň özi ýene şunçarak goşun bilen yzdan gelýän bolsa gerek…

— Han aga! Orslaryň munça jan çekip biziň üstümize sürünmesi nämekä? Olara asla, bizden näme gerekkä?

— Ors galany ele aljak bolýa, galanyň gitdigi türkmenleriň dyzyna çökerilendigini Skobelew bilýä…onsaň külli türkmeniň düzi-sährasy özüňki…

Daşardan serhoş ors esgerleriniň aýdym aýdýan, şadyýan degişmeleri eşidilýärdi. Gapynyň agaçlarynyň yşyndan daş töwerek gowy görünýärdi. Belentde ýakylan oduň ýalkymy ep-esli ýeri ýagtyldýardy. Onuň daşynda birnäçe ors bir çişik esgeriň daşyna üýşüp aşak-ýokaryk bökýärdi. Ol çişik ors bolsa garmonyň gapdalyndan don kazaklarynyň aýdymyna gygyrmaga başlady.

### Ýedinji perdäniň owazy

## GIJEKI ÇOZUŞ

Soň-soňlar Adyna han şeýle ýatlardy: ”Seniň galanyň daşyna dowarlary çykaranyňdan habarlydyk. Agşam namazyna metjide üýşen adamlar seň bir belanyň üstünden barandygyň kararyna geldiler. Nurberdi han ýigrimi atlynyň başyny jemläp galanyň daş-töweregindäki obalardan habar tutmagy teklip etdi

Biz tizden-tiz atlandyk. Galanyň daşyndaky öri meýdanlary ädimme-ädim sökdük. Ahyry ýigitleriň biri seniň ýerde serlip ýatan köpegiň bilen goýnuň läşiniň üstünden bardylar. Biraz aňyrrakda çopan taýagyňy tapdyk. Itiňem, goýnuňam atyp öldürendiklerini bildik. Esgerleriň, atlaryň yzyny çaldyk, olaryň gidäýjek ugruny çakladyk. Ýagyşyň yzlary ýuwan ýerine çenli eglenmän geldik.

Aý, garaz orslaryň ornaşan öýyny tapýançak ýary gijeden agdy. Görsek garawullardan galany uklapdyr. Ýöne duşman ordasyna golaýlaşmazdan öň atlarymyzyň aýak sesini eşidilmez ýaly etmegimiz gerekdi. Biz atlarymyzdan düşdük-de eýerleriň aşagyndaky keçäni gatlap olaryň toýnagyna berk daňdyk. Indi atlarymyza münüp ýatan duşmanyň edil gulagynyň alkymyndan

çapdyryp geçsegem duşmanyň duýjak gumany ýokdy. Biz şeýdip duşman leşgeriniň ýerleşen ýerine ýakyn bardyk”.

Ors goşunlarynyň düşlän öýy ukynyň kölüne gark bolupdy. Gapa ýaplanyp hor çekip ýatan garawulyň “horruldysy” gijäniň dym-dyrslygyny böwsüp gelip bize gowy eşidilýärdi.

Tans edip owlak-guzy ýaly böküşen, täze öldürlen toklynyň etinden çişlik bişirip göwün solpusyndan çykan esgerleriň gulagynyň aşagynda top atylsa-da turjaga meňzemeýärdi. Batyr han ýerkümäň diwaryna arkasyny berip oturşyna salawat dogalaryny okaýardy, tesbi sanaýardy. Öň galadan başga ýerde ýatyp görmämsoň meňem gözüme uky gelmeýärdi.

Ýere guran seliniň sypaly düşelendi. Men ellerimi ýassyk edinip arkanlygyna gyşardym. Daşardaky garawulyň horlamasynyň birsyhly gaýtalanmasyna kirpiklerim garyşyp gidýärdi. Birsalymdan daşardan del şygyrdy eşidildi. Yzy bilen bir agyr zat ýere çöken ýaly boldy. Az kem wagt geçensoň bizi saklaýan garawulyň hor çekmesi kesildi.

Hor çekip ýatan garawulyň birden oýanmasy bolup biljek zada meňzemeýärdi. Men ýuwaşlyk bilen ýatan ýerimden turdum-da gapyň yşyndan daşaryny synlamaga durdum. Aýyň ýagtysyna bir gara görünýärdi. Ol seresaplylyk bilen töwergine garanjaklaýardy. Öldüren garawulynyň meýdi aýagynyň aşagynda serilip ýatyrdy.

Batyr hanam üstüni basdyran aladalarynyň aşagyndan çykyp, gapa geldi. Yşlardan daşyna seretdi. Durşy bilen gulaga öwrüldi. Daşardaky adam indi bize arkasyny öwrüp durdy. Ony tanamak mümkin däldi. Kim bolanda-da onuň garawuly öldüreni ikiuçsyzdy.

Gapa düşýän kölge soňky sapar hereketlenende Batyr han: “Heý, heý!” diýip, assyrynlyk bilen ony çagyrmaga durdy. Ol gara Batyr hanyň sesini eşiden badyna çalt aşak oturdy-da, sesiň nireden gelýänini anyklajak bolýan ýaly diňşirgemäge durdy. Batyr han “Heý, heý” diýip ýene gaýtalady. Kölege ýuwaşlyk bilen dikeldi-de, töweregine garanjaklap, assa basyp bize tarap ulalyp gaýtdy, tutuş işigiň öňüni tutdy. Meniň seredýän jaýrygymdan indi diňe onuň elindäki ýalaňaç gamasy bilen egnindäki gyrmyzy donunyň çeti görünýärdi. Onuň biziňkilerden biridigine indi şübhelenmeýärdik. Ol gapyny açjak bolup gulpuny çalaja şakyrdatdy. Soň yzyna gitdi-de öldüren garawulynyň jesedini sermeşdirmäge durdy. Soň gidişi ýaly yzyna gelip gulpa degdi. Bu gezek gulpa sokulan açaryň towlanýan sesi geldi. Gapy açyldy. Gapyny açanyň Adyna handygyny bada-bat tanadyk. Bizi görüp ol begenjine uçaýjak bolýardy. Biziňem begenjimiz oňkydan pes däldi.

Daşyna çykanymyzdan Adyna han: “Yzyma düşüberiň” diýip öňümizden ylgaşlap gerişden aşmaga başlady. Ýokary dyrmaşyp barşymyza goýunlarym ýadyma düşdi. Adyna hanyň yzyndan zordan ýetip: „Sürime näme bolar? Meniň goýunlarym galdy“ diýdim. Ol biragyz: “Goýunlaňňy gaýgy etme. Häzir öz janymyz gutaraly. Oglanlar bir alajyny taparlar, goýunlary munda goýmazlar” diýip, gerişden aşdy.

Bu sözlerden soň biraz köşeşsemem goýunlarymyň aladasy aňymdan çykanokdy. Oglanlar sürini bildirtmän alyp çykyp bilermikäler? Goçumyň boýnunda jaňy bar ahyryn! Onuň sesine duşmanyň ähli leşgeri oýanar.

Gerşden aşan ýerimizde galaň ýigitlerinden biernäçesi atlaryň başyny tutup taýýar duran ekenler. Bizi görenlerinden garaşyp duranlar ýerli-ýerden atlandylar. Adyna hanam gelşine atyna böküp mündi. Batyr han ikimizem bir atyň üstünde jaýlaşdyk. Toparymyz bilen gala tarap gamça

basdyk.

Toýnaklaryna keçe geýdirilen atlar bizi ýagdan gyl soguran ýaly edip, göz açyp ýumasy salymda düz meýdana alyp çykdylar. Men şondan soň türkmenleriň atyň eýeriniň aşagyna näme üçin keçe atýandyklarynyň syryna düşünip galdym.

### Sekizinji perdäniň owazy

## BIZ BIRLEŞMELIDIRIS!

Batyr hanyň gelmegi bilen gala ýaňadan janlandy. Oba içine öňki asudalyk, ine-ganalyk aralaşdy. Agşamlaryna meýdançada kowalaşyp oýnap ugran çagalaryň şadyýan sesleri ýene-de gelip başlady.

Galadaky meýdança birnäçe sagat mundan öň işini taşlap gelen adamlardan doludy. Olaryň gürrüňleri bir nokadyň daşynda aýlanýardy. Ol hem Batyr hanyň jemagaty näme üçin çagyrandygy hakyndady. Ol ir bilen golaýdaky obalara-da “Gala ýygnanmaly” diýip çapar ugradypdyr.

Birden turan ýelem tutuş türkmen sährasynda başly-barat, biri-birinden üzňelikde ýüzüp ýören bulutlary galaň dik üstünde toplamaga durdy.

Haý diýmän, egninden hyrlysyny asan atlylar jemlenişdiler. Başlaryna çümre geýen garaköli telpekleri gar ýaly aklary, kömür ýaly garalary garym-gatym boldy.

Bir gürmege tüpeňini atynyň eýeriniň üstüne kese atyp gelýän başy ak selleli Aga han baştutanlyk edýärdi. Onuň at üstünde oturşy gahryman sypatdy. Ýüzi daşyndan hyýrsyz ýaly görünse-de, ol akyly-paýhasy, batyrlygy bilen bu jelegaýlara özüni aldyrypdy. Lomakiniň leşgerleri sürnüp gelende mertlerçe olara garşy duranlaryň birem Aga handy.

Ol öz nökerleri bilen galanyň içine girenden tä meýdança gelýänçä hemmeleriň nazaryndady, köpleriň daşdanam bolsa baş atyp Aga han bilen salamlaşyp bilse armany ýokdy. Märekäň gürelýän ýerine ýetenlerinde bolsa, halaýyk iki ýan serpilip, oňa ýol berýärdi. Metjidiň deňine ýetenlerinde hut Nurberdi hanyň özi Aga hanyň öňünden çykyp ýaş ýigitlere onuň nökerleriniň atyny tutuň diýip buýruk berdi.

Aga hanyň gelmegi bilen metjidiň töwereginiň hereketi has hem artdy. Indi esasy gelmeliler gelipdi diýseňem boljakdy. Günbatardan atabaý yomutlarynyň serdary Hajynazar hanam uzak ýoldan gelip ýetişipdi. Munça adamyň gala ýygnananyny häzire çenli gören ýokdy.

Men bir çeträkde durdum. Öňümde iki sany pyýada öz arasynda bir jedeli çözüp bilmän kösenýärdiler. Ýaşy kiçiräginiň kellesinde akgaýma tahýasy bardy, beýlekisiniň egnine bolsa agyr çäkmeni atylandy.

— Aý, seň aýdýanyň näme-how? Orslar haçan ilerki obalary alypdyr?

— Saňa, piliň gulagynda irkilip galan aga diýerler. Dünýäni suw-sil alsa-da seň habaryň bolmaz!

— Keltagan, mus-muslap durma-da, näme diýjek bolsan diýde dyn-how sen!

— Sen, näme dogrudanam olaň geleninden bihabarmy?

— Habarly bolsam senden sorajakmy-how? Sen-ä tüýs içimi ýakaýdy-ňow…Ol-bi sammy-sümmi etse-de, goýuň-how şol heleý gürrüňini diýýän! Onsaň olaň, bu, saparky gineraly kimmiş?

— Men-ä şo atañediň adyny bilmedi-mäýt…ýene-de Lomakin diýen ýaly bolaýmasa!

Gapdaldan üçünji biri gürrüňe goşuldy:

— Bu sapar yzyna nöker tirkäp gelen başgamyş… Molla Muhammed-ä Skobel diýýä oňa…

— …

— Öz-ä bu enesi ýalamdyk öňki-soňkyň çeni dämiş… Elinden gelse asmany çekip aşak gaçyraýjakmyş o peläket?

— Bäý-ä!?

— Hawa, hawa! O bir adam sypatyndaky şeýtanyň hut özümiş. Entek söweşe başlamanka ediberşini görýäňmi!?

— O ganojak, türkmenleriň tohumyny tüketmän yzyma gaýtman diýýämiş, wah, şeý diýen dilini ýenşesinden cekäýmeli weli...

— Allanyň özi saklasyn!

— Başa gelenini göz görer, bular beýdip garşy-garşy ýygyn gurajak bolsa-ha garakelleden geçäýmeli bor.

— Aý, ýogsa-da, olaň maksady nämekä? Asyl, olaň göbegi şu galaň içinde gömülen ýalyla-haw!

— Maksady bes belli, olara seň ýeriň gerek.

— Bar, ýeri özümiz beren ekenik-dä, iki sany gotur geçi bilen güýe iýen keçeden başga zad-a şolaň girisine ilmez! Şeýle dälmaýt, sakaldaş!

— Keltagan, özüňi beýle guwkelle, öýüňem ýaňky aýdyşyň ýaly garyp görkezjek bolma! Üýşüp ýatan gyzyl-kümüşleriňi nirä gizlejek bolýaň? Seň mal ýatagyňda humly küýzeleriň gömlenini anyk bilmese saryja orsam her bitini şänik ýaly edip ýurt aşyp gelesi ýok! Olaň pikiri ýeke seň galaň däl, olar tutuş türkmen ilini özüne bakna etjek bolýar.

— Näme-how, olaň öz tüneginde ýeri, gyzyl-kümüşi azmyşmy? Ýa malyna örüsi gytmyşmy?

— Olarda öri näm işläpdir-how, Keltagan! Alla eşegi ýaratsa-da oňa şah beräýmändir ahyry, Molla Muhammet olaň ýurduna kän gatnan, a-na şo orslar tomsuna-da possunly gezýä diýýa…

— Şo enesi ýalamadyklaryň bir kassy-ha bar şu ýerde, bolmasa beýdip sürülenişip ýörmezdi…

— Ýa, Keltagan, ikimizi warrygrak görýärmikäler?..

Meýdançanyň beýleki çetinde märeke böwür gurap, ellerini çarpyp bir tomaşa syn kylýardylar. Ortada iki sany ýaş ýigdekçe güýçlerini synap görýärdi.

— Görüň-ä, bakyň-a, bu işini tükedenlere! Daşynda aksakallaň üýşeni olaň gara ýadyna-da däl. Näme, düýn-öňňunki ýas olaň eýýäm ýadyndan çykaýdymyka?

— Ýäk, senemäý, Keltagan! Ýaş oglanlara bi azaryňy ýetirmesene! Mydam başyňy aşak salyp gezip bolmaz ahyry-haw! Olaň bu mahal bir ýerde durasy gelýän däldir. Soňky gezek gijeki çozuşa çykanlar şo oglanlar dälmi näme?

— Sen, Batyr hany ýesirlikden boşadanlara diýýäňmi?

— Hawa!

— Wah, olam-a şeýle, ýigit kemleri ýokdur, ýöne her zadyň, oýnuňam-çynyňam öz ýeri ýagşy!

— Aý, nä, adam pakyryňky, bir gün aglap, bir guň gülüp, şeýdip alaçaly ýüp iýşip ýören ýalydyr-da. Her-nä, Alla Batyr hanyň ömrüni uzak edewersin!

— Wah, şony aýtsana, gala gelşigine geläýdi, ýogsa, Batyr hanyň ýoklugynda galaň içi gum-gukluk, gabrystana meňzäberdi…

Ýaşuly töwerekdäki bolýan zatlary gojalyk, geçirimlilik paýhasynyň eleginden geçirip, göreşýänler tarapa nazaryny aýlady-da:

— Alla o ýigitleň ömrüni uzagyndan edewersin her-nä! Goý, göreşsinler, tutluşsynlar, ýogsa-da olaň ikimiz ýaly gybat etmejegi belli ahyry. Galany orsdan gorajagam ýene şolardyr – diýip, uludan demini alyp sözüni tamamlady.

Meýdançanyň golaýyndaky öýleriň birinden aglamjyraýan çaganyň sesi gelýärdi. Köşeşdirjek bolup paltasy daşa degen enesi ahyry çydaman:

— Goý, indi sesiňi! Ýat, ýap üstüňi, ýogsa-da orslary çagyraryn…

Duranlar bu sözlere güljeklerinem, gaharlanjaklarynam bilmediler. Olardan biri başyny ýaýkap:

— Wah, şo orsuň ady ýitsinle! Görü-ňä başymyzy nä günlere saldy?

Şu aralykda-da metjidiň agaç gapysy jygyldap açyldy. Aňyrdan ýuwaşja ardynjyrap Batyr han çykdy. Hemmeleriň nazary oňa göňükdi. Batyr hanyň yzysüre Aga han göründi, ondan soň golaýdan we alysdan maslahata gelen tirebaşylar ýeke-ýekeden daşary çykdylar.

Metjidiň daşky sütünine golaý duran Batyr han ähli kişini bir ýere jemlenmäge çagyrdy:

— Hany, adamlar golaýrak süýşüň, bakaly, indiki maslahat siz bilen!

Adamlaryň gowury ýatdy. Öňe süýşüşip, hemmesi bir gulaga öwrülip Batyr hanyň diýjek sözlerini howada garbap almaga taýýar boldular. Batyr han köpçülige hossary ýaly seredip, demini dürsedi-de söze başlady.

— Näme diýiljek bolup üýşülendigini düşundirmegiň hajaty ýokmuka diýýän. Ors generaly

Skobel goşuny bilen galanyň alkymynda ýaragyny gezäp ýatyr. Meniň çaklaýşyma görä orslaň goşuny sekiz müňdenem agýar, olaň elliden gowurak topy, onbir sany hem pulemýoty bar.

Batyr hanyň anyk gürrüňe geçmegi, ors goşunlarynyň, ýaragynyň sanynyň agzalmagy märekäniň üýşenmesini artdyrdy. Kimdir biri saklanyp bilmän:

— Allanyň özi gorawersin, päli azgyn kapyrdan! – diýdi.

Onuň sesiniň üstüni basyp Batyr hana yüzleňýän biriniň soragy eşidildi:

— Batyr han, orslan näme maksady bar?

Batyr han jogaba derek ajy ýylgyryp oňaýdy. Oňa çenli Aga han Batyr hanyň deňine süýşüp, sorag berýäne ýüzlendi:

— Maksady belli olaň! Gökdepeden başga ýerde orsuň basylan ýeri ýok. Lomakiniň eňilmesine ors çydap bilenok, olar Allanyň biziň tarapymyzdadygyna ynanmaýarlar. Olar arlaryny almaga gelipdir.

Aga han "Senem öz sözüňi aýdaý!" diýen äheňde Batyr hana garady. Batyr han ýerkümede diwara arkasyny berip otyrka serinden geçiren pikirklerini ýeke-ýekeden daşyna çykaryp, ýygnananlara ýetirmäge başlady:

— Adamlar orslar biziň erkana ýaşaýşymyzy elimizden almaga gelipdir. Olar Kese Arkajyň düzüne eýeçilik etmegiň niýetinde. Soňam, näme oňarsalar Lomakiniň aryny ýerine salmak, türkmeniň erkek göbeklisiniň kököni kesip, adyny ýitirmek maksatlary. Indi, düşnüklimi size?

Märekäň üstünden gaýnag suw guýulana döndi. Hiç kimden ses-seda, hat-da ardynjyramaga het edenem tapylmaýardy. Aga han ýene-de söz nobatyny aldy:

— Halaýyk, ýene-de bir zady belläň! Ors goşunlary Çatdan Çekişlere çenli harby tälim meýdanyny döretmek isleýär. Özüni mäkäm durdum edensoň oba yzyna obany, gala yzyna galany basyp almakçy. Baran ýerlerinde erkek göbekli goýman gyrýä, çapýa. Skobel eýýäm goşunyna baran ýeriňiziň malyny çapyň, harmanyny otlaň diýip buýrupdyr. Musulman süýdüni emmedik kapyrlarda kiçä-ula rehim-şepagat bolarmy ýogsa!

Aga han sözüne dyngy berip, durşy bilen gulaga öwrülen adamlarýň söz aýdaryna garaşdy. Emma, ýerden seda çykýardy, adamlar weli lal-jim. Olaryň ýüzüni gaýgy-alada örtüpdi. Aga hanyň sözüniň dowamyna garaşýardylar. Ol uzak garaşdyrmady:

— Özüňiz bilýänsiňiz, biziň obalarymyz biri-birinden uzakda ýerleşýär. Goňşy obada näme bolýanyny bilemzok, bilsegem bir aý geçensoň bilýäs. Ýarag ýagdaýymyzam ýabygorly, her obadan çyksa on hyrlydan, ýigrimi jöwher gylyçdan köp ýarag çykmaz. Adam sanymyzam az. Ala meýdana çykyp garpyşara güýjümiz ýok. Onsoňam biziň öýlerimize galanyň içiniň diňlerine-diwarlaryna penalan ýaly penalajak gümanyňam ýok. Onsoň nädip orslara garşy durmaly? Eliň aýasy ýaly düzümizde gizlenere, gaçara pena ýok. Dört tarapyň alaň-açyklyk…

Şu ýerde Aga han sellesiniň bir ujy bilen maňlaýyndaky derini syldy. Özüni kemsiz dürsäp:

— Men öňem kän aýtdym, ýene-de aýdýan, gelejekde-de aýtmaga ýaltanman, biziň orsuň garşysyna goýup biljek iň uly ýaragymyz – biziň agzybirligimiz. Bizi häzir, diňe tireleriň, obalaryň, galalaryň birleşmegi, bir adama öwrülmegi halas eder! Meniň bar aýtjagym-a şular.

Geplejegiňe rugsatdyr adamlar!

Aga han ahli meseläni çöp döwen ýaly edipdi.

Ýomutlaryň atabaý taýpasynyň serdary Hajynazar han orta çykdy. Ol şeýle diýdi:

— Siz obalardaky adamlar hiç zat etmän ellerini gowşuryp oturandyr öýtmäň. Ýok, beýle däl! Lomakiniň goşunlary çozanda-da, häzirem ýaş ýigitler gijelerine edil ýyldyrym çakan ýaly orslaryň üstüne çozýarlar. Siziň hemmäňiz ondan habarlysyňyz. Arman, bu çozuşlaryň peýdasy az, orslaryň sany bolsa çenden-çakdan kän. Ýigrimi atly, otuz atly bile ýagy gaýtarjak gümanyň ýok.

Diňleýänleriň içinden kimdir biri onuň sözüni böldi:

— Hajynazar han bu zatlary bizem bilýäs, obalaryň üstüne, abanan howpam bilýäs, ýöne çykalga hany?

Başga biri, onuň sözüniň üstüni ýetirdi:

— Düşünmez ýaly gürrüň ýok. Skobel elinden gelse sährany eýelejek, biziňem barymyzy gyrjak. Hany göreliň kim-kimi gyrýar?! Lomakin gelib-ä gönenip gitdi. Muňam düşjek güni şodur-da!

Märekeden ýene-de biriniň sesi çykdy:

— Gepi süýndürmäliň-le haw! Ýagy ýokka döşüňi gaýşartmadan aňsady ýok. Ýankyň aýdyşy ýaly, näme etmeli indi şony aýdalyň.

Batyr han bu ýere ýygnananlara uzak wagtlap seredip durdy-da hemmelere eşidiler ýaly gatydan seslenip gürledi:

— Ýaňy Aga han aýtdy näme etmelidigini. Menem onuň aýdanlaryny gaýtalaýaryn, biziň hemmämiz bir adam ýaly jebisleşmeli, bir-birimize arka diräp orsuň garşysyna çykmaly. Kethudalaram şu pikire geldiler.

Ol şeýle diýdi-de, öz arkasynda duran aksakallara gözüni aýlady, soň sözüni dowam etdi:

— Indi aýdyljak söz aýdyldy. Ýaşulylar üýşüp Aga hanyň aýdanlaryny goldadylar. Bizi birleşdirjek güýç, hemmämiziň şu galanyň içine göçüp gelmegimizdir. Galanyň içi giň, hemmämize-de ýer tapylar. Siz muňa razymy? Şuny aýdaryňyza garaşýarys.

Dem salym halaýyk doňup galdy. Olar bir-birlerine geň galyşyp seredişdiler. Soňra kem-kemden adamlaryň ýüzlerinde şatlyk alamatlary uçganaklap ugrady.

— Dogry aýdýaňyz! Ony soramagyň hajaty hem ýok!

— Biziň öýmüz – olaryň öýi! Dogru-da häzir öýleriň aýrylygynyň tapawudy barmy?

— Mende artykmaç iki sany gara öý bar, kim gelse, gelip ýaşabersin!

Batyr han gulagynyň eşidýän gürrünlerinden razy äheňde ellerini asmana göterdi:

— Allam, edeniňe köp müň şükür!

Soňam ýygnanan adamlara ýüzlenip şeýle diýdi:

— Adamlar sizden tamada şeýledi, men biziň hemmämiziň gaýgymyzyňam, şatlygymyzyňam birdigine ynanýardym. Bir ýere jemlensek, Allada işimizi ugruna eder.Toýam, ýasam bile tutarys!

Jebisligiň güýjüni aňan adamlaryň göwnüniň galkynýany duýulýardy. Batyr hanyň şadyýan nazary märekäniň içinden Ahmet ahuny gözläp tapdy. Elleri bilen yşarat edip metjidiň sütünine arkasyny diräp otyrdy-da ellerini döşüniň deňine ýetirdi. Daşyndakylaryňam hemmesi aşak oturdy. Ahmet Ahunyň labyzly owazy ýaňlanyp ugrandan märekäniň gowury ýatyp, dym-dyrslyk aralaşdy. Ahun her bir musulman üçin mukaddes Kurandan aýat okady:

“Eý, siz imanlylar! Onuň çatyjy ýüpünden mäkäm ýapyşyň we hergiz özara bölünişmäň!” (Kuranyň 3 süresiniň 103 aýady.)

Ahmet ahundan soň Batyr han doga okady. Biziň hemmämiz ”Ämin” diýip, gol göterdik. Adamlar dargap başladylar, myhmanlar soň maşgalasy bilen dolanyp gelmek üçin atlanyp, galanyň derwezesinden çykyp gitdiler.

Garşydan öwüsýän şemal güýçlendi, galanyň ýokarsyna üýşen bulutlaryň topbagyny çar ýana dargadyp başlady. Galanyň ilaty hem öýli-öýlerine dargaşdylar, her kim göçüp geljek maşgalalary garşy almaga taýýarlanýardy.

Meýdança boşap galdy. Meniň hiç ýere gidesim gelmeýärdi. Golaý obadaky adamlar gelip başlaýança şu ýerde, Aga hanyň, Batyr hanyň buýsançly gürlän, halka buýsanan ýerlerinde garaşmagy niýet etýärdim.

Ahmet ahunyň labyzly okan aýatlary galanyň daşyndaky sähralykda ýaň salýardy. Bir salym men şeýle arzuw etdim, käşgä orslar ýaragsyz, esbapsyz golaýa gelip, Ahmet ahunyň owadan labyz bilen azan aýdyşyny oturyp diňlesediler.

**Dokuzynjy perdäniň owazy**

## ÝENE-DE TOÝ

Şo gün asmanyň ýüzüniň nähili reňkdedigi asyl ýadyma düşenok, ýöne gök däldigini weli açyk bilýän. Eger-de asman şo gün gök öwüsýän bolsady, onda suw, deňiz hakydamda galardy. Asmanyň ýüzi gara-da däldi. Hat-da gyzylam, mämişi-de däldi. Indi şo güni ýadyma düşürjek bolsam, asman reňksiz bir görnüşde göz öňüme gelýär. Dogrudanam asmanyň ýüzi reňksizdi.

Maňa bu zatlary başgalara ynandyrmagam kyn. Asla, mümkinem däl. Heý-de gögüň ýüzi reňksiz bolup bilermi?! Men weli reňksiz asmany gördüm. Hiç bolmanda gördümmikäm öýdýän. Çünki şo pursatda men bireňk asmanyň, boýagsyz dünýäniň hem edil reňkli dünýä ýaly ýadyňda hemişelik galýandygyna göz ýetiripdim. Dogrudanam, bu reňksizlik adamyň aňyna baş bermeýän duýgularynyň – dem alyşynyň, gussa batyşynyň, gözýaş döküşiniň reňkiniň ýokdugy hem özboluşly bir reňk eken.

Bäbejigiň sesi ýaňlanyp gitdi, birnäçe bäbegiň aglaýan sesi eşidilen bolmagy hem ahmal. Özem bu ses alysdan-alys ýerden gelýärdi. Çäga sesiniň bu giň düzlügiň niresinden gelýäni maňa näbellidi. Men müň gatly zehinimiň bu gatynyň aşagynda baslygyp ýatan jogaby agtarýadym. Näme üçin, näme üçin olar aglaýar? Açlykdanmy? Ýa-da näzik tenine ýa-da ýüregine sanjylýan agyrydanmy? Näme üçin olaryň dili ýüregine sanjylýan agyryny aýdardan ejizkä? Men olaryň gözlerinde gorky görýärin. Gorky? Olar nämeden gorkýar? Kimden? Ýok olar orslardan gorkanok. Gaýta garşysyndaky orslara ýigreňç hem-de hyýrsyzlyk bilen garaýalar. Bir gün geler, ine, şonda öz atalary bilen egin deňläp duşmanyň garşysyna garpyşyga girmändigine arman çekerler. Men açyk bilýärin, wagt geçer, olar şo kyn pursatda bäbek bolup aglap ýatmaly bolandyklaryna, ululara kömek edip bilmändiklerine ökünip aňyrsyna çykyp bilmezler. Atalaryň, agalaryň ýüreginden duşman güllesi parran geçip gidende, ýagynyň öňünde bolmanda ýene-de biraz salym ýykylman saklanar ýaly daýanç taýagyna öwrülmändiklerine ömürboýy aglarlar.

Belkem, wagtyň geçmegi bilen ojagaz bäbejiklerem, men ýaly öz atalarynyň ýüz keşbini unudarlar. Her näçe jan etselerde, olaryň kimdigine göz ýetirmek üçin şehitleriň merdana sypatyny hakydasyna getirip bilmezler. Çyrlaýan çagajyklaryň haýygan ýüzlerinde men ors kemendirini, onuň reňksiz reňkli pogonyny, ondaky erände der basdyryp, gözüňi ýaşardýan simaba meňzeýän ýyldyzyny görýärin. Güne ýalpyldaýan ädigi, aýnasy öňe zomap duran äýnegi bile ol kemendir garga meňzeýär. Onuň aňyrsynda bolsa çöldäki maslyga gonup-uçup ýören dazzarkeller hatar gurap oturan mysaly. Olar çommalyşyp bir-birine boýuny deňläp otyrlar we kimdir biriniň barmagyny galdyryp “maslyga tarap çozuň” diýip buýruk bererine garaşýarlar.

Men gözümi açdym. Maňlaýym derläp gidipdir. Men ýerimden turdum we daşary çykdym. Göňşy tamda çagajyk aglaýardy. Onuň sesi şeýle bir zaryndy weli, göwnüme biri meniň ýüregime neşder sokýan ýalydy. Serime gelip-geçýän gorkunç oýlardan ýaňa meniň başym aýlanýardy, ýakymsyz duýgular döreýärdi. Bu perişan düýşden açylmak üçin daşyma garanjaklaýardym.

Gala täze bir keşbe giren ýalydy. Golaý-goltumdaky obalar eýýäm bu ýere göçüp gelipdi. Täzelikde dikilen öýleriň bir-birine degşip oturyşy zynjyrly halkany ýadyňa salýardy. Bu zynjyry, bu halkany böwsüp biljek güýç ýokdur diýdirýärdi.

Hemme ýerde şatlyk höküm sürýärdi. Adamlaryň ýüzi begençli ýylgyrmadan nurlanýardy. Başlaryna gyzyl gülli ýelýyrtan ýaglyk oranan aýallaryň öý arasyndaky hereketi togtamaýardy, goňşy-goňşysyna kömek etjek bolup ot-elekdi.

Men tamdyrda täze bişirilen çöregiň ysyna melul bolupdym. Gyzaran tamdyrlaryň başyna aýallar üýşýärdiler. Hem çörek bişirýärdiler hem özara öý-içeriň aladasynyň gürrüňini edýärdiler. Gopuzyň hem-de läle kakýan gyzlaryň sesi gelýärdi. Ese-boýa galan çagalar agaçdan at ýasanyp öýleriň arasynda ikiýana çapyşýardylar.

Bu şatlyk-şagalaň ýöne ýere däldi. Bu gün Batyr hanyň ogly Adyna hanyň toýydy. Bu günki gelin alyjyny, üsti kejebeli heşdek maýany ugratmaga howlugylmaýardy. Gelin alynjak obanyň özi galanyň içine göçüp gelipdi. Toý tutýan Batyr han bilen gudalaryň arasynda üç-dört sany öý bardy.

Öýleriň serpigi galdyrylypdy. Galanyň üştiaşyry köwsarlap gelýän säher şemaly çigräp ugran güýz howasynyň hoşroý ysyny getirýärdi.

## Onunjy perdäniň owazy

# GÜN ÝAŞYP BARÝARKA

Hemişede şeýle. Haçanda adamlar bir maşgala öwrülip ýaşaýarka, bir saçagyň daşyna üýşüp tagam iýýärka, aýlar-günler şeýle bir çalt aýlanýar weli, biz dokuz aýyň nädip duşumyzdan geçenini hem duýman galypdyrys.

Dokuz aýdan soňam, birnäçe güň geçdi. Eger-de bu günleri ýygnap tereziň okaralaryna salaga-da, çekip görseň, ajy hem-de gaýgyly günleriň şatlykly, şüýji günlerden agyr geljekdigi ikuçsyzdy. Şo döwürde sährada wehim-howatyr hökum sürse-de, galanyň içi parahatlykdy, adamlar garagünleri bilen başagaýdylar. Orslaryň bolsa, öňküleri ýaly galanyň daşynda düşlän oýlaryndan başga yere göçmän oturyşlarydy. Ýöne, aram-aram, gije ol oba çozulypdyr, bu oba talanypdyr, kerweniň ýüki urlupdyr gürrüňleri çykýardy.

Şol gün irden gala çyg düşüpdi. Gün naýza boýy galsa-da şöhlesi galaň içine düşenokdy. Men mallary sürüp barşyma, Batyr hanyň öýüniň deňine ýetemde adamlaryň girip-çykmasynyň artandygyny aňdym. Öýe giren aýallar begenişip, ýüz-gözlerini güldürip çykýardylar.

Şu ýerde, öten agşamky waka ýadyma düşdi. Men aýal maşgalanyň agy sesini eşidip ukudan oýanamda ýary gijeden agypdy. Bu ses Batyr hanyň öýi tarapdan gelýärdi. Öten agşam, olara galanyň ähli köpi gören garry aýallary ýygnanypdy. Meniň çakyma, agy sesi daňdana çekipdi. Häzir weli öýden agy sesi eşidilmeýärdi, aýallaryň gijeki howsalasy ýokdy.

Men hemmesine düşünip galdym. Aýallaryň ýüzündäki şatlyk alamatlary bäbejigiň dünýä inendigini aňladýardy. Uç gyraksyz asmandaky sansyz ýyldyzlaryň içinde täze biriniň dogandygyny habar berýärdi. Ýaňy dünýä inen çaga dokuz aý, dokuz günüň garaşmasyndan soň Adyna hanyň depesini göge ýetiripdi, Batyr hana ilkinji agtyk görmek bagtyna miýesser edip, ony atalyk mertebesine ýetiripdi.

Nurberdi hanyň aýaly ýylgyryp Batyr hanyň öýünden çykdy. Onuň süňkbaşy göwresiniň iridigine garamazdan edil, bahar aýlary uçup gelen kebelek ýaly howada gaýyp ýörene meňzeýärdi. Ýogsam, bolmanda käbir dili uzynlar “hanymyzyň aýaly ýigrimi putdanam agyr” diýip, gülüşdirýärdiler. Ikibaka ylgaşlaýan aýalyň öz begenjini beýlekiler bilen paýlaşasy gelýärdi. Bu bagtly günden birnäçe gün ozalam Nurberdi hanyň aýaly: “Nesip bolsa Batyr hanyň ogul agtygy bolar!” diýip, göňşy-golamlary begendirýärdi.

Haçanda men onuň bilen pete-pet gelemde saklanyp bilmän:

— Gelneje, nirä howlukýaňýz, Batyr hanyň agtygy ogulmy-gyz?

Ol maňa tarap çiňerilip seretdi-de, uly göwresine dem alyp:

— Haý garagol diýsäni, hiý, şu wagta çenli gelnejeňiziň çakynyň iki çykanyny gören bamydyr? Hä? Ýogsa-da ogul!

— Onda, nirä barýaňyz, gelneje!

— Wah, dünýäm Ahmet ahunyňka barýan, bäbegiň gulagyna ilki Azan sesini eşitdirmesek bolmaz ahyry…Soňra Batyr hany tapmaly, onuň buşluga näme berjegini göreris, ynha, ogul, görseň, gelnejeň asyl ýetişer ýaly däldir.

— Näme, Batyr han ogul agtygynyň bolanyndan bihabarmy?

— Oň habary ýok, daňa golaý öýden çykyşy… Ertir namazyndan soň öýüne dolanar öýtdük, emma, häzirem gara berenok.

Gelneje soňky sözlerini mazaly arany açansoň aýdyp barýardy. Menem mallary kowup öz ugruma gitdim. Mallaryň sürlenişip galanyň derwesine tarap gidesi gelýärdi. Meniň weli häzir ähli güýmenjämi, dowarlary bir ýana taşlap, galanyň içine ylaglap aýlanyp çykasym gelýärdi. Hemmelerden öňürtiläp Batyr hana agtygynyň bolandygyny buşlasym gelýärdi.

Hyýalymdaky arzuwlarymy jemläp galanyň beýyik diwarlarynyň üztünden uçup çykaýjak ýalydym. Meniň ilki nazaryma ilen zat garawullaryň garaköl telpekleri boldy. Men olara sygyrdym, soňra elimi bulap:

— Goragçy, Alla saňa medet bersin!

Meň täze tutunan köpegimem guýrugyny bulaýlap garawullara tarap üýrmäge başlady. Diňdäki garawul bizi gördi we elini galdyrdy. Merdemsi sesi bilen: “Taňry ýalkasyn!” diýip, jogap gaýtardy. Soňra maňa hüşgär bolmagymy sargady:

— Galadan daşyna çykjak bolsaň orslardan ägä bol! Seret, birden geçen ýylkyň ýaly goýunlaryňy eliňden aldyraýma!

Menem:

— Maslahatyňa sag bol! – diýip, jogap berdim.

Çopan taýagymy egnime atyp, mallara haýkyryp, derwezä tarap ýola düşdüm. Ala köpek bir eýläk, bir beýläk loňkullap yza galýan ýa-da gyra çekilýän goýunlary gözünden sypdyrmaýardy.

Metjidiň deňesine ýetemde onuň işiginde üýşüşip duran aksakallary gördüm. Olaryň arasynda Batyr hanyň tanyş, pälwansypat keşbi göze ilmeýärdi. Metjide has golay baramda ylgap içine nazar aýlap gaýtdym. O yerde hem Batyr han görünmeýärdi. Kyblasyny bakyp oturan gojalar köpdi we olar ellerindäki tesbisini sanap, birsyhly Allanyň adyny gaýtalaýardylar. Men metjidiň alagaraňky böwrüne seretdim. Ýene iki günden Gurban baýramy başlanýardy. Men hyýalymda Baýram namazyna bu ýere ýygnanjak märekäni göz öňüne getirmäge çalyşdym. Bu sapar adamlar meýdançany doldurar. Galanyň içine göçüp gelenleriň hemmesi bir ýere ýygnansa, metjidiň içiniň darlyk etjegi görnüp durdy. Şo gün tüýs “iňňe atsaň ýere düşmez” diýileni bolar.

Metjidiň daşyndan maňa garaşyp halys bolan itiň öýkeli sesi gelýärdi. Men ukudan açylan dek mallaryň yzyndan ylgadym.

Derwezä ýakynlaberemde gaýraky garawul diňinde kim barka diýip garanjakladym. Goragda duranyň kimdigini daşdan bilmek kyndy. O duran elini kölegeledip galanyň daşyna esewan bolýardy. Birdenem onyň egninden asylgy hyrlysynyň ýokdugy meniň ünsümi çekdi. Göwnüme bolmasa ol Batyr handy. Golaýrak baryp bokurdagyma sygdygyndan gygyrdym:

— Salawmaleýkim ýaşuly! Sag-aman örüşdiňizmi? Orslardan näme habar?

Yzyna öwrülen göwräniň gyrçuw sakalyny görenimden depäm gök diredi. Batyr han ýylgyryp:

— Waleýkumessalam, oglum! Sähra dynçlyk, asmanymyz arassa – diýdi.

Soňra ýene-de aňyrsyna bakyp uzaklara seretmesini dowam etdirdi.

Meniň gökdäki dilegim ýerde gowuşypdy. Beýle bagta Allaň özi miýesser edäýmese, öz eliň bilen uçramak mümkin däldi. Nurberdi hanyň aýalyňyň bu ýere, gaýraky diňe gelip ýetişmejegi görnüp durdy. Men artyk oýlanmazdan galaň diňine tarap haýdadym, basganҫaklardan üstiaşyry böküp, ýokary galdym.

— Gözüň aýdyň, han aga! Buşluk, siziň agtygyňyz boldy!

Batyr han meni ömründe birinji sapar görýän dek dikanlap seretdi. Onuň ýüzüne meniň gözümiň alnynda bagt hem-de şatlyk nury çaýyldy.

— Ýaşyň uzak bolsun, köşegim! Ogulmy-gyz?

Men gyssanjyma oňa agtygynyň oguldygyny hem aýtmadyk bolsam nätjek.

— Ogul agtygyňyz boldy. Nurberdi hanyň aýalynyň ertirki sizi gözläp ýörşi.

Süriniň jaňly goçunyň düňňürdisi eşidildi. Jaňly öweç mallaryň içinde iň semizi hem-de iň daýawydy. Batyr han äwmezlik bilen: ”Nurberdi hanyň aýalyna-da buşluk haky beriler, ony gaýgy etme! Bar, honha şol jaňly öweç seň baýragyň bolsun, razymy sylagyňa?”

Men öz gulaklaryma ynanmadym.

Batyr hanyň görejinde azu-kem alada-ünji görüp oňa sorag berenimi duýman galypdyryn:

— Ýaşuly, Sizi ünji basan ýaly-la?

Ol galanyň aňyrsyndaky baglara elini uzadyp:

— Meniň ýüregim şo tarapdan bir belanyň süýşüp gelýänini duýýar.

— Näme, bir ahwalat gopdumy?

— Aý, ýok häzir-ä gopan zat ýok weli, ýöne welisi bar-da…

Batyr öz gürrüňini ahyryna çenli aýtmady. Men ondan:

— Ýaşuly sähralyg-a dymýar, adam-gara görnenok – diýdim.

Batyr han uzap ýatan sähra nazaryny dikip:

— Wah, sähraň şol dymmasy bar bolsun! Şo meni ynjalykdan gaçyrýar – diýdi.

Dogrusy men onuň näme diýjek bolýandygyna doly düşünmedim. Onuň ýadaw göreçlerindäki hasraty ilkinji ogul agtygynyň buşluk habary-da aýyryp bilmeýärdi.

Meniň Batyr hanyň göwnüni göteresim geldi:

— Söňky günler-hä orslaryň hüjümi ýatyşdy, mallaram örüde hezil edinip ýaýnaýar…

Batyr han meniň sözümi kesip:

— Sadalyk etme, oglum! Olaryň bir zadyň başyny jemleýänini aňyp durun! Ýene iki günden Gurban baýramy. Her nähili ahwalat bolsa-da biz Baýram namazyny şu galada okap doga etmelidiris!

Şeýle diýmek bilen ol esasy sözümi gutardym hasap etdi we sakalyny uzyn, gödeňsi barmaklary bilen sypalady.

— Siz dagy heniz ýaş ahyryn… Bolsa, ýaňy on ýedi bahary görensiň-dä! Mallaryňdan hüşgär bol, oglum! Maly bolmadygyň haly bolýan däldir… Alla öz bendelerine rehimdardyr, kereminiň hiç soňy ýokdur. Bu aladalaň soňy düzdür işallah!

Mundan soň ol öri meýdanyň çäklerini görkezip:

— Özümize degişli örüden daşyna çykma! Gala göçüp gelen goňşylarymyza-da sonarlykda ýer berdik, olaryňam paýy biz bilen des-deňdir.

Kelleden tahýamy çykaryp, onuň çaň degen ýerlerini kakyşdyrdym we Batyr hany köşeşdirmekçi boldum:

— Ýaşuly mallaryň, örüniň gaýgysyny etmäň! Agtygňyzyň gaýgysyny ediň, gowusy! Onuň aglaýan sesi älem-jahany göçürip barýandyr.

Batyr han heziller edinip güldi. Men sözümi dowam edip:

— Mallar Gurban baýramyna taýyn, ýene iki günden adamlaryň hemmesi menden razy bolsalar gerek!

Gürrüň şu ýere ýetende men Batyr hanyň buşlugyma beren süriniň jaňly öwejini ýatladym. Ýanyndan aýrylşamyzda men Batyr hana şeýle diýdim:

— Eger siz rugsat berseňiz, men Gurbanlygyň ilkinji güni şol şürini çekýän öweji ýykaýsam diýýän, niçik görýäňiz?

Batyr han assajadan:

— Enşallasa – diýip razydygyny aýtdy.

Men galanyň diňinden aşak düşemde-de howlugyp, birküç tekjeden üstiaşyry bökýärdim. Arkamdan Batyr hanyň doga okap, yzyndanam: “Eý, Allam, bela-beterden özüň goraweri!” diýip, dileg edenini eşidip galdym.

Men Batyr hanyň haýsydyr bir aladanyň ýüküniň aşagynda galandygyny aňdym, emma, haýsy gaýgynyň ony horluga salandygyna düşünip bilmedim.

Galanyň daşynda, durşuna ýaşyl mahmala bürenen üç-gyraksyz sähralyk ýaýylyp ýatyrdy. Örüniň jümmüşine ýetensoň mallar çar ýana ýazylyp ýaýrady.

Bu gün-ertirki başlanjak gurbanlyk hakynda, adamlaryň hemmesiniň Allanyň rehimdarlygynyň hatyrasyna janly kesjekdiklerini ýatladym. Nesip, bolsa menem, şahlary burum-burum, äwmän ýörände boýnundaky jaňy ýaýla ýaň salýan öweji Allanyň ýoluna bagyş ederin. Beýleki çagalar

ýaly gurban kesilen malyň damak ganyndan barmagymy ölläp, maňlaýyma degiräge-de, Allanyň öňünde oňa gerek bolsa islendik gurbany bagyş eýlejekdimi subut etjekdigimi göz öňüme getirdim.

Meniň gürrüňini berýän şu günlerimde – ýaş ýigitleriň orslaryň leşgerine gijelerine edýän çozuşlarynyň şowly günlerinde galanyň halkynyň şatlygynyň çägi bolmazdy, şükür edýänleriň elleri göge göterilýärdi. Aýallar bolsa, dürli-dümen tagamly naharlary bişirip sadaka paýlardylar. Bu olaryň Alla minnetdarlygynyň alamatydy.

Bu serime gelip-geçýän oý-pikirleriň arasynda galamyza tarap seredýärdim. Gala uzakdan gaýanyň bir bölegine meňzeýärdi. Onyň bütewiligini bozup biljek güýç bardyr öýtmeýärdim. Körükde ýakylyp bişirilen gyzyl kerpiçlerden nagyş ýaly örülen belent diwarlar galany gözýetimden seredeniňde, sarsmaz hem-de mahabatly köşklere meňzedýärdi.

Men maýsalygyň üstüne özümi göýberdim. Orslarda ýesirlikde bolalym bäri gapdalymdan goýman göterýän sapy gysga jöwherimi gynyndan çykardymda, ony synlamaga başladym. Pyçagyň tygy günüň nuruna lowurdaýardy. Dem alasy pursatlarda şu pyçagyň ýerine köneje hem bolsa bir tüpeň, hyrly ýa-da goşanil bolsa bolmaýarmy, menem il deňinde at münüp, ululara goşulyp, orslar bilen garpyşyga girerdim diýen pikirler kelläme gelýärdi.

Wagt ikindä sapyp ýördi. Asman garalýardy we ilerdäki daglaryň başy al öýme atynan gelini ýadyňa salýardy. Daş-töweregiň niresine nazar aýlasaň elwan reňke boýalypdy. Giden-giden öri meýdanlary, hat-da Galanyň üstündäki asmanyň gümmezem ýaşyp barýan Günüň hoşlaşyk şöhlesi bilen, gyrmyzy reňke boýalypdy.

Ýataga gaýtmaly pursady aňýan mallar bir ýere jemlenişip gala tarap ýüzlerini öwürdiler. Men, mallary birlaý tükelledimde ýataga kowup ugradym. Malyň yzyna eýerip gaýtmaly bolansoň, ýolda garaňky gatlyşyp göz baglanypdy. It öňde dilini sallap seňkilläp barşyna, aram-aram durup diňşirgenýärdi. Men onuň burnuny ysyrgadyp, çyňsanda teşwişli garaýan depelerine, gerişlerine ünsli seredýärdim. Daş-töwerekde ünsüňi çekýän zat ýokdy.

Emma, weli it üýrmesini kesmeýärdi. Men çopan taýagymy egnime atyp, ylgap iň golaýdaky depäniň üstüne çykdym. Itim guýrugyny bulaýlap, üýrüp gelşine menden galmady. Depä çykyp, dört ýana garadym. Ilki, parahatlyk ýaly duýulsa-da, bir ýerden nätanyş bir günleç sesiň gelýänini aňdym. Depämden sowuk suw guýlan ýaly boldy. Gulagymy ýere goýup, diň salamda ýeriň astyndan düňküldä meňzeş sesi eşitdim. Endam-janymy sowuk der basdy. Men dikilgi gazyk ýaly somalyp durşuma daş-töwerege esewan bolýardym. Ýüregim çalt-çaltdan urup ugrady. Maňa indi nätanyş sesler, ýeriň aşagyndan däl-de, golaýda, alaňyň aňyrsyndan gelýän ýalydy. Sebäbi, birden güňleç sesleriň erkek kişiniň gülkisine öwrülýändigi aýyl-saýyl bildirýärdi.

Men bu gülki sesleriniň orslaryňkydygyna ynandym. Taýagymy berk gysymlap, jöwheri gynyndan çykardym. Garaňkylykda men birnäçe kişiniň göwresiniň suduryny saýgaryp başladym. Aýagymyň ragwaty gaçyp, dyzlarym saňňyldap gitdi. It janawer artykmaç saklanyp bilmän, gara görnen tarapa üýrüp başlady. Orslaryň sesi galdy, olaryň kölgesiniň hereketu ýatdy. Men assadan yzyma süýşdüm we mallary gözden salmaýyn diýip, sürä tarap ylgadym.

Mallar sozanguýruk bolup gala tarap barýardylar. Men gala tiziräk ýetjek bolup egri taýagy bulap olary hasam gyssadym.

## On birinji perdäniň owazy

# METJITDÄKI MASLAHAT

Agşam kemsiz düşüpdi. Gijäniň garaňkysy, galany gara keçe bilen örtülen dek tümlüge öwrüpdi. Adamlar metjide ýygnandylar we hemmeleriň gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşmaga başladylar. Gijä galanlar metjidiň bir böwründe namaz okaýardylar. Ümsümlige öwrenişmedikler, beýlekileriň ünsüni sowmak ücin, gijeki çozuşlardaky öz başyndan geçirenlerini gyzygyp gürrüň berýärdiler.

Aksakallar öňki hatarlarda ornaşypdylar. Hajynazar han we Aga han örän aladalydy. Batyr hanam olaryň arasynda otyrdy. Ol elindäki tesbisini sanap, tesbih okaýardy.

Biz metjidiň agaç gapysyny jygyldadyp açyp, içine girdik. Hemmeleriň nazary bize tarap gönükdi. Meniň yzymdan elleri tüpeňli Adyna han we onuň nökerleri girdi. Jemagatyň arasynda bir pyşyrdy döredi. Men ýuwaşlyk bilen adamlaryň arasyndan töre, gadymy Kuran kitaplary we beýleki ders kitaplary goýulýan tekjäniň öňüne bardym. Içerdäkileriň ýarsynyň ünsi mende, ýarsynyňky bolsa Adyna handa we onuň ýoldaşlaryndady. Özgeleriň nazarynyň nyşanasy bolmak maňa aňsat düşmeýärdi we tahýamy çykaryp, elime alanymy, ony bir epläp, bir ýazyp oturanymy duýmandyryn. Üşerileşýän adamlaryň göreçleri maňa naýza bolup sanjylýardy. Çar tarapdan sorag ýagdyryp ugradylar:

— Sen näme orslara sataşdyňmy? Näme görüp, näme eşitdiň?

— Orslar näçe adam eken?

— Hany, gürle-dä-haw!

Galmagal göterilipdi. Hemmeler meni gürletjekdi. Men sesimi çykarman başymy aşak salyp oturyberdim. Adyna han bilen onuň ýoldaşlary öňe şüýşdüler.

Indi hemmeleriň ünsi olara gönükdi. Batyr han elindäki tesbisini kisesine saldy we adamlara tarap garap, doga okady. Soňra, sakalyny emaý bilen sypalaşdyrdy. Oturanlaryň hemmesi onuň yzyny göterip, “Ämin” diýişdiler. Adyna han kakasynyň gulagyna bir zatlary pyşyrdady-da, bir gyra çekildi. Batyr han ýaşulylara birlaý göz aýlap, olardan geplemäge rugsat sorady.

Hemmeler agzyna suw alan dek dymdylar. Dymyşlygyň jümmüşinden Batyr hanyň: ” Bismyllahy-r-Rahmani-Rahym!” diýen, sesi eşidildi.

Men dogrusy nähili beýle bolýanyny bilmedim, Batyr hanyň sesini eşidenimden, bütin endamyma gyzgyn howur aralaşan ýaly boldy. Men ýene-de kelläme tahýamy geýdim, ezýaka köýnegimiň ýeňi bilen maňlaýymyň derini syldym. Batyr hanyň mylaýym sesi kalbymy köşeşdirýärdi.

— Aksakallar, ýaşkiçiler, jemagat baryňyz eşidip oturyň, şu gün, ikinden soň, biziň ilimiziň çopany Ýaşbagşy ilerki baýyrlykda orslaryň sesini eşidip, garaňkyda çala suduryny görüp galypdyr…

Adamlar gürrüňiň yzyny eşitmek üçin Batyr hanyň näme diýjegine garaşdylar. Batyr han Adyna hany we onuň ýoldaşlaryny görkezip:

— Men Ýaşbaşyň yzysüre ýigitleri ugradyp, “Bu habary anyklaň” diýdim. Olaram “Hiç kime

sataşmadyk” diýip, ugur-utga tapman geldiler…

Oturanlaryň içinde eýýämden arkaýynlaşanlary tapyldy.

— Hudaýa, şukür!

— Ertir Gurbanlyk, Orslar baýram güni üstümize çozup durasy ýok-la!

— A-haw, orslar Ýaşbagşyň gözüne görünen bolaýmasyn?

— Hawa-laý, gorkana käte goşa-da görüňýändir-how!

Metjidiň içiniň gowury gitdigiçe ulalýardy. Batyr hanyň söze başlamagy bilen ýene-de sesler ýatyşdy.

— Doganlar, iniler! Men orslaň dek ýatmajagyna ynanýan, olar bir zadyň hyýalyna çykandyr!

Kimdir biri:

— Ýaşuly, beter basga galmak gerek dälmikä diýýän! Eger çozaýsalaram, bu gezegem olaryň garşysyna durarys – diýdi.

Oturan ýaş-ýeleňler baş atyp ony göwüňjeň goldadylar.

—Barymyzyň başymyz jemlenensoň, daşymyzda-da şular ýaly berk galamyz barka, kimden gorkmaly biz?!

— Her birimiziň orsuň bäşisine taý geljegimize-hä söz ýokdur, adamlar!

Olary eserdeňlik bilen diňleýän Batyr han: “Hiçiňiziňem urşdan heder etmeýäniňize şübhäm ýok, ýöne…” – diýip, içki ikirjeňlenmesini daşyna çykardy. Sözüne dyngy berdi-de, başyny aşak salyp: ”Şo generalyň ýedi pyştyna, şeýtan Skobeliň adyna nälet siňsin-le!” diýdi.

Onuň sesi gahardan hem-de ýigrençden doludy. Ol öz içindäki duýgulara bäs gelip bilmeýärdi. Aga han we beýleki aksakallaram Skobelewiň adyna edilen gargyşy gaýtaladylar.

Nurberdi han ýerinden ör turaga-da Batyr hana ýüzlendi:

— Batyr han, eger men ýalňyşmaýan bolsam, sen bir zady-ha bizden gizlejek bolýaň? Böwrüňe sanjy edip ýörmän, aladaňy halk bilen paýlaşaýarlar ahyryn…

Oturanlaryň içinde ýene-de biri Nurberdi hanyň pikirini goldady:

— Ýaşuly, aramyzda keseki ýok, onsoňam siziň aýdanyňyza ýok diýjekler bu ýere gelmezdi!

Batyr han uludan demini alyp, ýuwaş gurledi: ”Eýýäm giç, başymyza bela ýeriň aşagyndan gelýär öýdýän!”.

Adamlar geň galyp bir-birleriniň ýüzlerine seretdiler. Gaşlar çytyldy.

Nurberdi han telpegini çykaryp, Batyr hana edep bilen ýüzlendi:

— Ýaşuly, pikiriňi açykrak aýtsana! Ýeriň aşagyndan geljek bela, o niçiksi belamyş?

Bu ýere gelenleriň biri çydaman:

— Aý, bu gürrüňler il içiniň boş gürrüňinden başga zat däl-läý! – diýdi.

Emma, men Batyr hanyň çaklamasynyň, howatyrlanmasynyň aňyrsynda hakykatyň ýatandygyna ynanýardym. Soňky wagtlarda Batyr hany gözlämde, galapyn ýa-ha metjidiň içinde, ýeke özi bir alada gaplanyp oturka ýa-da galanyň goragçylarynyň arasynda dürbi bilen alyslara seredip, golaýlaşyp gelýän bela garaşýan dek ot-elek bolup duran ýerinde tapardym.

Onuň, orslaryň täze meýilleri bilen baglanşykly howsalasy ýöne ýerden döremeýärdi. Meniň uçin bu ikirjiňlenmeler has-da hüsgärlik, böwrümde sanjy döredýärdi. Çünki şol gün orslaryň arkaýyn gülüsip ýörendiklerini bir pursat görüpdim. Orslaryň boluşlarynyň täze bir “hokga” çykarjaga meňzeýändigi asyl kellämden çykmaýardy.

Batyr hanyň köne gamlarynyň oýanýandygy ýüzünden bildirip durdy.

— Men, indi Skobelewiň arwahyňkydanam pis niýetine düşünip galdym. Biz ähli obalary gala ýygnap ýalňyşypdyrys.

Adyna hanyň ýoldaşlarynyň biri saklanyp bilmän:

— Ýaşuly, bi ýere ýygnanmak geňeşiň gelen karary dälmi ahyry? – diýip, sorady.

Batyr han oňa howlukman jogap gaýtardy:

— O karar, dogy karar! Bir ýere toplansak, biziň güýjümiz öňküsinden on esse artar. Şo geňeşde, biz galanyň içinde jebisleşsek, goranmaga bähbitli bolarmyka öýtdük. Emma, beýle haýynlyga…

Ol ýene-de sözüni böldi. Oturanlar sorag baryny ýagdyrdylar. Men adamlaryň gözlerinde gorky alamatyny gördüm. Olar Batyr hanyň sözüniň dowam ederinden, asla onuň gürrüňni eşitmekden gorkýardylar. Ahyry, biri çydaman:

— Ýaşuly, hany, sen näme äýtjak bolsaň, aýtda dynsana! Kapyrlaň haýynlygy hakda näme bilýän bolsaň, baryny bize aýt!

Batyr han uzak garaşdyrman sözüni dowam etdi:

— Galanyň daşynda baglaryň hatara ösüp oturanlygyndan hemmäňiz habarlysyňyz. Olaryň ýapragy güýz düşmänkä saraldy, ýere döküldi. Bela gelýä, diýýänim orslar ýeriň aşagyny köwüp gelýärler. Olardan her hili zalymlyga garaşybermeli!

Hemmeler aňka-taňka boluşdylar. Dogrudanam, oturanlaryň hemmesi galanyň daşyndaky baglaryň wagtyndan ir saralanyny görýärdiler. Ýöne, olaryň biwagt saralmasynyň orslar bilen baglanyşygy bardyr diýip hiç kimiň kellesine-de gelmeýärdi.

Batyr han ýene-de gürrüňini dowam etdi:

— Şu gün şapak diýseň gyzaryp ýaşdy. Meniň pikirimçe, bu betbagtçylygyň alamaty.

Ol soňra yzky hatarlarda oturanlara ýüzlenip gygyrdy:

— Çopanlardan, Satlyk, Kakabaý, Hudaýberdi, Garýagdy barmy? Bar bolsaňyz aýdyň, heý-de soňky günlerde baýyrdan ilerde şübheli sesler eşidildimi? Heý-de itleriň bolşunda üýtgeşiklik duýmadyňyzmy, hä? Aýdyp oturyň.

Hemmeler yzlaryna gaňrylyşyp seredişdiler. Atlary tutulan çopanlar ýanaşyk otyrdylar.

— Hawa, men-ä käte-käte geň-taň düňküldi …

— … Esasanam, gün batandan …

— …Eşidýädim. soň, gürp-gürp köpelýän ýalydy…

— Hawa, birnäçe gün mundan owal, itimiň yzyny üzmän üýreni meňem ýadyma düşýär.

— Beý, dogrudanam, meniňem köpeklerim, birden, ala-basga düşuberýärler-how, şu soňky günlerde…

— Wah, meň kelläm gursun, ýene-de Arkaja möjek gelipdir-ow diýip ýörsem nätjek?!

Batyr han uludan demini aldy-da, ýene elini tesbisine ýetirdi. Oturanlara gala-gopluk aralaşdy.

— Beý, asyl duşman aýagmyzyň aşagyny gazyp ýör diýsene, biziň weli zatdan habarymyz ýok.

— Hä, barymyzyň tepbedimiz okalyp ýör diýsene!

— Aý, orslaň topunyň dagam sany-sajagy ýok diýýälerle-how?

— Toplarynyň nili dagyň gowagyndan ulumyş?

— Bizde, bary-ýogy ýekeje top bar ahbeti…

— Oňam, ady top-haw, bary ýogy des-deň, topuň ýaragyň şaý bolmasa-ha, näçe goşunyň hem bolsa, ýagyň garşyna durmak kyndyr…

— Baýram aga! Wagtyndan öň şumluk ýagdyrmasana, Öňki, uruşda, seň gaýtaran ýagyň azmydy, indi näme birden topy bahana ediberdiň?

Batyr han hem adamlaryň näme hakda aýdýanlaryny diňleýärdi hem ýetişibildiginden tesbisini sanaýardy. Onuň bütin durky – gür gara gaşlary, çal saçlary we uzyn sakaly sylag-hormat döredýärdi. Onuň taýsyz giň kalby bardy, çensiz köp syrlaryň öýjügidi, häzir weli onuň ýüregi bu oturanlaryň ertirki takdyry hakda ünjüli urýardy, öz halkynyň gelejegini gaýgy edýärdi.

Bir burçda duran Adyna han kakasyna ýüzlendi:

— Kaka, seň aýdyşyňa görä, orslar şunça wagtlap, goş basyp ýatman, galanyň aşagyna ötük gazypdyrlarda?

Batyr han Adyna hana ötgür gözlerini dikip, sakalyny sypap, nälajy gepledi: “O zandyýaman Skobelden her zada garaşybermeli”. Oturanlardan ýaşy ulyraklaryň biri:

— Batyr, han, eger Hökümet goşunlaryndan kömek sorasak niçik bor? Biziň güýjümiz nähili

bolaýanda hem orslaň agdyklygy görnüp dur?

Batyr han onuň soragyna şeýle jogap berdi:

— Menem, başdan bu hakda az oýlanmadym. Gajar şa, meniň tanaýşymça, öz kölgesinden gorkup ýören adam. Onuň gaýraty bar bolsa, Kawkaz orslaň eline mugtuna düşermidi? Häzir-ä baýaky, ol bizi goldamaga gorkýar… Eger-de biz ýeňäýsek, ýeňiji diňe Gajar şa bolar, eger, bardy-geldi orslar ýeňäýse, weli, onuň murtuna şemal degençe-de bolmaz. Bir adamsyny ugradar-da, närazylygyny duýdurar oňaýar. Kawkazdaky urşuň näm bilen gutaranyny gördük ahyry…

— Hawa, öz-ä şeýle bolupdy.

Men, gapdalymda duran pyýadanyň ýaragyna söýendim. Onuň tüpeňine ýaňy ýag çalynan ýaly ýaldyraýardy. Men ony tanamaýardym. Ol Batyr handan: “Eger, Gajar şadan bize kömek bolmajak bolsa, orslar bilen özümiz gepleşip görsek niçik borka?” diýip, sorady.

Bu soraga Batyr hanyň gahary geldi. Ol ellerini galgadyp gygyrdy: “Asla! Şuny berk belläň, adamlar! Eşidýäňizmi? Iman bilen küpüriň arasynda hiç wagt köpri gurulýan däldir. Biz nämeden gorkýas? Gorky, ölmekden has erbetdir. Näme, mundan ozal biz duşmanyň depesinden gylyç salmadykmy? Daglarda, düzlerde jandan geçip ýagy bilen ýüzbe-ýüz garpyşmadykmy? Indi, näme urşuň agyrysy artandyr öýdýäňizmi? Ýa-da duşmanyň size rehmi inermi? Häzirkisi ýaly biziň güýjümiziň köpelen, jebisleşen wagty öňde-soňda bolmandy, adamlar! Skobel kimi dyzyna çökerse-de bizi çökerip bilmez, şuny ýadyňyzdan çykarmaň!”.

Men henize çenli Batyr hany şeýle gaharly halda görmändim. Bu gahar, bu gazap onuň ýüregini durşuna eýelän aladanyň, halkyň öňüne çykan serkerdäniň öz üstüne nähili ýüki alandygyna düşünmegiň aňyrsyndan çeşme suwy ýaly syzlyp çykýardy.

Aga han onuň soňky sözlerini diňläp, ýerinden galdy-da, onuň ýanyna bardy. Soňra, märekä baka garap şeýle diýdi:

— Adamlar, ertir kimiň başynda näme kyýamat gopjagyny, bir Alla bilýär. Hiç kim kysmatdan nägile bolmaly däldir! Emma, häzir weli biziň barymyz bir jaýyň içinde, bir-birimize gerdenimizi deňläp otyrys. Häzir hiç zat bizi biri-birimizden aýryp bilmez, bardy geldi ölmeli bolaýsagam hemmämiz bilelikde öleris, duşmanyň öňünde gul bolandan şeýdip baryň gyrlanyň ibalydyr!

Bu günki gürrüňlerden enter-pelegi çykan adamlardan biri ýene-de: “Ýaşuly, indi biz näme etmeli?” diýip, Batyr hana ýüzlendi.

Batyr han uludan demini alyp şeýle jogap berdi: “Eger, meniň çakym çak bolsa, orslar indi kän garaşmaz, biz muňa taýyn bolmaly. Eger, ertir Baýram namazyny okamaga ýetişsek, Alladan kapyryň gazabyny bizden daş etmegini diläris, eger ýagy üstümize dökülse, onda öňi bilen aýal-ebtatlaryň, çagalaryň gaýgysyny etmeli, olaryň kapyryň eline ýesir düşmegine ýol bermeli däldiris!”

Adyna han bir ädim öňe şüýşüp otlukly nazaryny adamlara dikip şeýle diýdi:

— Adamlar! Aljyramaň! Biziň topragymyzy elimizden almaga gelen duşman bilen garpyşmaga, jan-alyp jan bermäge hemmämiz taýyndyrys! Kimde-kim ýarag atmany öwreneýin diýse, agşam galanyň ilerki derwezesiniň ýanyna barybersin!

Batyr han Ahmet ahuna baş atyp yşarat etdi. Ahmet ahun hemmeler eşidiler ýaly ilki Kurandan birnäçe aýat okady. Soňra, kapyrlar bilen boljak söweşde Allanyň goldaw bermegini dileg etdi. Hemmeler gollaryny göterip ”Ämin” diýdiler. Batyr han ýene-de bir gezek adamlara ýüzlendi: “Adamlar, şu pursatdan başlap hüşgär boluň! Ýaraglary, gylyçlary, gyrkylyklara çenli taýýnlaň! Gyýnynda köp duran ýarag poslagyç bolýandyr, adamlar!”

Adamlar metjitden çykyp dagap başladylar. Batyr hanyň elleri titräp, gözlerine ýaş aýlandy. Ol ýaşulylara tarap ýöredi. Hemmeler oňa ýol berip, öňe geçirýärdiler. Batyr han howlukman ýaşulylaryň golaýynda oturdy we titireýän sesi bilen: “Biziň bar umydymyz Alladyr, howpdan gutulmak üçin Alla doga etmelidiris! Öljegimizi bilsegem, söweşe taýyn bolmalydyrys!” diýdi.

Men aksakallaryň ýüzüne garadym. Bu gije, olaryň hiç biri, ne Batyr han, ne Aga han gözüňi ýummaz, olar tä gün dogýança Alladan kömek sorarlar.

Beýleki adamlaryň arasy bilen menem metjitden çykdym. Daşary içerden salkyndy. Sowuk şemal ýüzüme urdy. Arassa howadan öýkenimi dolduryp galanyň ileri künjüne ugradym. O ýerde eýýäm tüpeň atmagy öwrenjekler hatara düzülipdiler.

Adyna han bir töňňäniň üstünde otyrdy, onuň aýagynyň ujynda birnäce hyrly ýatyrdy. Ol tüpeňleriň nilini uzyn çişler bilen arassalap içini däriden dolduryp, aksakallara uzadýardy. Gojalar gezek-gezegine tüpeňi ellerine alyp galanyň beýleki tarapynda asylan çal tokly derisini nyşana alyp atýardylar.

Galanyň orta gürpünden, aýyň ýagtysyna üýşüp läle kakýan gyzlaryň dury sesleri gelýärdi:

Ekin ekdim bitmedi,

Sapan atdym ýetmedi,

Haram ölmüş Nekeleý

Üstümizden gitmedi.

Orslar geldi bu ýurda,

Dawa gurdy obada,

Bu ne bela bilmedik

Halkyň agzy tobada.

Ekmekçidim patrak,

Barysy boldy çetrek,

Gowşyr meni ilime
Däli Gürgen, Etrek.

Janym gezen düzi,
Hem goýun otlar hem guzy,
Gurasyn orsuň yüzi,
Sürdi çykardy bizi.

Gaýra, gaýrada galdy
Oklar ýarada galdy,
Biziň bilen deň-duşlar,
Bizden gaýrada galdy.

Aýlan tabak men tabak,
Obam göçdi men galdym,
Biziň bilen deň-duşlar,
Bizden gaýrada galdy.

Asmandaky ner bulut,
Ýere dökýäň der bulut.
Asmanda käriň näme,
Yere dökýäň der bulut

Owsana jan, owsana,
Saçym çagba ýuwsana.

Duşmanymyň üstüne,

Gurşun bolup ýagsana.

Daglarym jigerim dagy,

Çöllerim gözümiň agy,

Dünýäni seýl eden bulut,

Haçan sowuljak bu ýagy?..

Gyzlaryň gaýgyly aýdymy gijäniň ümüş-tamyşyna siňip gidýärdi.

Men indi-indiler düşündim Batyr hanyň wagt tapsa metjitde ýeke oturyp, keseki gözlerden ogryn gözüni ýaşlap Alladan öz halkynyň ykbalyna rehim etmegini irmän-arman dilemesiniň sebäbine. Emma o wagtlar niçik belanyň üstümize abanýanlygyndan bihabardym. Wah, indi bilýän...

**On ikinji perdäniň owazy**

## DIRILIGE DÄL, ŞEHITLIGE GÖREŞ

Irden, boý täredini alamdan soň, süňňüm ýeňläpdi. Öýe girip, iň täze eşiklerimi geýindim. Çarygymyň bagyny berk daňaga-da öýden çykdym. Heniz daň atmandy.Ýöne, horazlaryň sesi galany göçüräýjek bolýardy, ýene-de bir daňyň atýandygyndan habar berýärdi.

Gökdepe galasy sähralykda seleňläp, häzirem berk durdy. Galanyň haçan galdyrylandygyny bilýän ýokdy. Diňe, onuň duranyna birnäçe asyrlaryň geçendigi hakda aýdylýardy; o zamanlarda adamlaryň bar ok-ýaragam peýkam bilen ýaý ekeni. O döwürlerde galanyň içide, ýokardaky asmanam däriniň ysyny almandyr, toplaryň gümmürdisinden titremändir.

Gala dört tarapyndan goralýardy. Her tarapdaky garawul diňlerinde gije-gündiz eli ýaragly ýigitler nobatçylyk çekýärdiler. O diňlerden bütin sähra eliň aýasynda ýaly görünýärdi. Galanyň diwarlary beýikdi hem-de giňdi, onuň üstünde iki araba dagy birlikde ýöräp biljekdi.

Adamlar topar-topar metjide baka gelýärdiler. Bir-birege mähribanlyk öňkülerindenem artypdy. Ýüz-gözlerde şatlyk uçganaklaýardy. Iki ellerini uzadyp görüşýärdiler, bir-birlerini Gurban baýramy bilen gutlaýardylar. Baýramyň öňisyrasy galanyň içi toý tutuljak ýaly arassalanypdy. Gara öýleriň biriniň gapdalynda keçede oturan ýaş ýigitleriň biri uzyn ak saply gamasyny çalýardy. Käte-käte gamaň ýüzüne suw sepeleýärdi. Agylyň öňünde baga dakylan goýunlaryň birini güýleýärdiler. Dünýeden bihabar bir çaga ýaşyl otlaryň maýsasyndan onuň öňüne atýardy. Çagalaryň höwesi maňa jaňly öweji ýatlatdy. Bu gün onuň bilen hoşlaşmaly günümdi. Batyr

handan we Ahmet ahundan gurbanlygyň taryhy hakynda kän gürrüňler eşiden bolsamam, ençeme ýyllap öwrenişen, süriniň serkesiniň damagyny çalyp, gaýnap duran gazanlara atmak maňa aňsat däldi. Aýdyşlaryna görä adamlaryň her biri öz eý görýän malyny Allanyň ýoluna gurban etmeli. Meniň eý görýän zadym, elbetde jaňly öweçdi. Ondan aýrylaşym gelmese-de Gurban baýramynda men anyk netijä geldim.

Il hatarynda menem gymmatly hasap edýän janlymy gurban etmekçidim. Men indi gaýdyp görmejek merhumlaryň, her näçe jan etsemde hakydamda mähriban keşplerini täzeden janlandyryp bilmeýän adamlarymyň hatyrasyna süriniň serkesinden geçjekdim.

Adamlar eýýäm metjide sygmaýardy. Il üýşüp Baýram namazyny okamaga we ondan soň gurbanlyk mallaryny kesmäge rugsat berilmegine garaşýardy. Menem hemmeler bilen elleşip görüşip, gurbanlyklarynyň kabul bolmagyny dileg edip metjide girdim. Öten agşamky ýerimde oturdym.

Batyr han adamlara bakyp, Ybraýym pygamberiň öz söýgüli ogly Ysmaýyly Allanyň eradasy bilen gurban kylmakçy bolşuny gürrüň berýärdi. Ondan soň Aga han, Ahmet ahun gurban ediljek malyň ýetim-ýesire, hossarsyz bendelere paýlanyşy hakynda wagyz etdiler. Şeýdibem, Baýram namazyna durduk.

Namaz tamamlanandan soň, yzky hatarda duranlar öňdäki hatara – aksakallaryň ýanyna gyssanyşdylar, olar ilki bilen gojalara «Dilegleriňiz kabul bolsun!» diýmäge howlugýardylar.

Metjidiň içine deňziň ullakan tolkuny ýaýraýan mysalydy. Tolkun menem öňdäki hatara eltdi, men gabat öňümde oturan ýaşulynyň elini gysdym. Elimi gysyp, baýram bilen gutlaýan gojanyň ýüz-gözlerinden nur ýagýardy. Hatara goşulyp aýlandym we iň soňunda Batyr han bilen salamlaşdym. Batyr han elimi gysdy-da ýumşak sesi bilen: “Alla, seniň kokun-gurbanlygyňy öz dergähinde kabul eýlesin, oglum!” diýdi.

Şol mahalam nägehan gopdy. Daşarda ahy-nala hem-de gykylyk ýaňlandy. Sarsgynyň bady metjidiň gapysyny erbet şarkyldatdy.

Hemmeler basga galyp daşary cýkjak bolýardylar. Men daşarda näme bolup geçýänine düşünjek bolýardym. Hemmeleriň ýüzünde reňk-pet galmandy. Alniçiksi wakadan aňka-taňka bolup galdym, endamym tikenek-tikenek boldy. Beýlekiler bilen birlikde metjitden çykdym. Düýdansyzlykda ýer ikinji gezek sarsyp gitdi. Men ýere ýazylyp gitdim. Gulaklarym gapyldy.

Ahyry demimi dürsäp, ýerimden galdym. Galanyň diwarynyň uly bölegi weýran bolan ekeni. Howa tot-tozana we däriniň ysyna gaplanypdy. Aýallar ýokarsyna garap, ýakasyna tüýkürýärdiler, duşmana gargaýardylar, çirkin gygyrýardylar.

Men mundan ozal beýle sarsgyny görmändim. Gökde çakmaly ýyldyrym ýere düşen ýaly bolupdy. Şondan bolsa gerek, ellerimiň we aýaklarymyň sandyramasy galmaýardy. Galanyň diňinde duran garawullaryň gözi töweregindedi. Galanyň daşy imi-salalykdy. Näme bela gopsa galanyň içinden, ýeriň aşagyndan gopupdy.

Batyr hanyň “Bela ýeriň aşagyndan geläýmese” diýen sözleri gulagymda ýaňlandy. Öten agşam biziň hiç birimiz onuň näme üçin howpurgaýandygyna düşünmändiris, orslaryň galanyň aşagyny köwüp, däri gömüp ýörenliginden bihabar galypdyrys.

Tozanyň we däriniň tüssesiniň içinden bir garry aýalyň: “Ahyr zaman geldi, ahyr zaman, Hudaýym!” diýip çekýän nalasy eşidildi.

Başga bir aýal bolsa, ýakasyny tutup Alladan hemaýat gözleýärdi: “Allajan! Ahyr zaman geldi! Hudaýjan özüň kömek edeweri!”

Duýdansyz, edil topuň atylyşy ýaly Batyr hanyň buýrugy eşidildi:

— Adamlar! Özüňizi ele alyň! Öýli-öýüňize dagaň, häzir bolup oturyň!

Hemmeler öýli-öýlerine dargaşdylar. Ýaş ýigitleriň birnäçesi ýaralylara kömek etmek üçin galdylar. Olar ýaralylary üstünde ýaňy namaz okalan namazlyklaryň üstünde ýatyrýardylar. Dumly-duşdan çagalaryň agysy gelýärdi. Olar ejeleriniň goltugyna gysylyp, ýene-de bir belanyň inerinden goranýana meňzeýärdiler. Ulular çagalaryň agysyny eşitmeýärdiler. Olar haçan orslaryň goşunynyň galada peýda bolaryna garaşýardylar.

Men Batyr hany gözläp ugradym, ol top-tozanyň içinde bir görnüp, birem ýitýärdi. Diňe onuň sesi yzygider eşidilýärdi:

— Adamlar öýli-öýňüze dagaň! Ýagyň hüjümine taýynlanyň!

Il deňinde menem tam kepbä tarap ylgadym. Birden asmany dolduryp gümpüldi ýaňlandy. Men munuň topuň zalpydygyny bada-bat aňdym. Dem alasy saly geçensoň, gabat garşymdaky garaja öý asmana göterildi. Men sessiz-üýnsiz ýere ýykyldym, gözüm garaňkyrady. Dogrusy, maňa näme bolýanyna-da düşünmän galdym. Başym aýlanýardy, gulagymda yzy üzülmeýän bir ses peýda boldy. Galanyň içindäki öýler gözümiň öňünde gaýyp ýördüler. Ýer öz ornundan gobsunýardy.

“B…u…m…”

Içimden turan sarsgyndan ýaňa, düňýä başaşak öwrüldi duruberdi. Kimdir biri kesede durup, içegelerimi daşyna çekýämikä öýdýärdim.

Meniň ýagdaýym gitdigiçe agyrlaşýardy. Birden aýal maşgalanyň gyzyl gana boýalan, parçalanan göwresi gözüme ildi. Ganyň lokgasdy bilen birlikde topragyň läbigi hem damagyma doldy. Erbet ýüregim bulanýardy, gusmaga başladym! Gözlerim ýaşa doldy, ähli iç-goşum damagyma doldy, dem almam kynlaşdy.

Ýene-de bir gezek, ýer sarsdy. Asmana galan gara-guranyň nämedigini saýgarmak mümkin däldi. Men asmanda gaýýan zatlaryň galanyň kerpiçleridiginem, adam göwresiniň parçalarydygynam bilmeýärdim. Ýene-de serpigi galgaýan öýlerden agy-efgan çykýardy. Şol barmana, galanyň diňindäki goragçylaryň biri: “Ors geldi-haw, ors geldi!” – diýip zähresi ýarylan dek gygyrmaga başlady.

Garawulyň sesi şo demde galanyň içine ýaýrady. Eli hasaly garryja aýalyň üstüme egilip bir zatlar diýýänini gördüm, emma onuň näme diýýänligi eşidilmeýärdi. Diňe onuň maňlaýyndaky gasynlaryň kenara urulýan däli tolkunlara meňzeşdigi, sesiniň şol tolkunlardan ýasalandygy hakydama gelýär. Garry aýal titreýän ellerini göge tutup: “Alla jan, goý, olara nälet siňsiň!”- diýýärdi.

Tüpeň sesi, topuň gümmürdisi köşeşmeýärdi. Diňli galanyň depesindäki çal duman aýrylmaýardy. Oduň hem-de tüssäniň içinde garawulyň galanyň daşynda kimdir birini nyşana alýandygyny we mäşäni gysandygyny görüp ýetişdim. Aýak ýalaňaç, sandyraýan aýaklaryma zordan erk edip, gana boýalan ýerden geçip, top okunyň öýan oýuklarynyň içi bilen, jesetleriň

üstünden ätläp diňli galanyň diwaryna golaýladym.

Basganҫaklardan üstiaşyry böküp, mergenleriň durýan çykgydyna galdym, soňra emedekläp daşary ok atýanlara tarap süýşenekledim. Garawullaryň biri hyrlyny däriden doldurýardy, beýlekisi hem nyşana alyp orslara tarap atýardy. Galanyň gädiginden seredip, sähraýy meýdany göremde, bedenime sowuk der indi. Sähranyň gözelliginden zat galmandyr. Orslardan ýaňa, ýere gurt düşen ýalydy. Göwnüme bolmasa müňlerçe garga maňa tarap çiňerilip seredýän ýalydy. Ors leşgerleri gala tarap zabt edip çozýardylar, olaryň tüpeňleri günüň şöhlesine ýalpyldaýardy.

-P-a- r- t!

Bu garawulyň göçýän därisiniň sesidi. Asmanda goýy duman emele geldi. Ors esgerleriniň biri arkanlygyna serilip gitdi.

Şu pursatda meniň göz öňüme garadan gaýtmaz, Gyrata atlananda ganhorlary we duşmanlaryny sypdyrmaýan Göroglynyň keşbi geldi. Bu ýöne ýerden däldi. Çünki men häzir alnymda Göroglunyň peýda bolmagyny we edil ýapraklaryň gaýyp şahasynda gaçyşy ýaly orslary derbi-dagyn etmegini näler isleýärdim.

Batyr hanyň gaharly çykan sesi top atylan ýaly bolup eşidildi:

— Eý, düş, aşak! Bu ýerde saňa ok deger.

Ol sözüni gutarmanaka atlar kişňedi. Bir topbak atly galadan daşyna okdurylyp çykdy. Olaryň elindäki gylyçlar tozany bölüp ýaldyrap gidýärdi. Gaty aşak düşmänkäm, ýene-de bir gezek galanyň daşyna garadym. Orslaryň tüpeňleri biziňkiden tapawutlanýardy, olardan tüsse çykmaýardy. Atylan oklaryň biri diwaryň bişen kerpijini örülen ýerinden gopardy, onuň bölekleri asmana uçup gitdi. Men eglenmän aşak düşdüm.

Aşakda, ors esgerleriniň betnyşan sypatlaryny görüp depe saçym düýrükdi. Batyr hanyň ýokardan berýän buýrugy hemmelere degişlidi: “Aýal-çaga metjide girsin! Henize çenli Allanyň öýünde gan dökülen ýeri ýokdur. Metjitden amatly ýer bolmaz!”

Şo pursadyň özünde çar ýandan aýallar hem-de çagalar metjide tarap ylgaşdylar. Batyr han indi erkeklere görkezme berýärdi: “Erkek göbekliň, eliňize ilen zat bilen ýagyny gaýtaryň! Haram kapyrlaryň aýagyna Watany depeletmäliň!”

Men birinji gezek Batyr hanyň gyssanýandygyny görşümdi. Onuň damarlarynda gyzgyn gany gaýnaýardy. Ol ýaraly gaplaň kimin ikiýana topulýardy, ýetişip bildiginden buýruk berýärdi. Meni görenden gygyrdy:

— Ýaşbagşy, men seň bilendirin, ylga metjide gir!

Onuň sesi kesgitlidi. Men näme üçin, näme sebäpden diýip bilmedim. Ýöne, hemme erkekleriň duşman bilen garpyşmaga taýýarlanýan pursatynda, aýallar bilen galmaga bognum ysjak däldi. Men pyçagymy gynyndan çykaryp:

— Ýaşuly! Menem iller ýaly duşman bilen gyrlyşmaga taýyn – diýdim.

Batyr hanyň muňa gahary geldi we ýumruklaryny düwüp:

— Saňa eliňe ýarag alardan ir, ylga metjide tarap! – diýip azymly gygyrdy.

Batyr han meniň jogabyma garaşman diňli gala tarap okduryldy. Men metjide gitmäge mejbur bolupdym. Aýallar eýýäm o ýere ýygnanypdy we gorkularyna bir-birine gysmyljyraşyp durdular. Aýallaryň biri sesiniň ýetdiginden Alladan kömek bermegini dileýärdi. Hemmeler bilýän doga-dileglerini gaýtalaýardylar. Ýene-de sarsgyn gaýtalandy. Metjidiň ýykylman galan penjireleri şarkyldap daşyna açyldy. Men galanyň diwarynyň ýene-de bir böleginiň weýran bolandygyny aňdym. Metjitde çirkin ses köpeldi. Daşardaky ok-däriniň sesi barha güýçlenýärdi, diýmek söweş metjide tarap golaý gelýärdi.

Bir demir penje ýüregimi kükregimden goparyp mynçgalaýan ýalydy. Metjidiň içi garaňkydy. Ýeke-täk çyra birinji sarsgynda ýere gaçyp kül-uşak döwlüpdi. Birdenem metjidiň gapysy darka açyldy. Işikden giren iki sany orsuň kölgesi göründi. Olary görüp, biz jaýyň törüne çekildik. Orslar tüpeňlerini öňe gezäp öz dillerinde bir zatlary diýýärdiler. Alagaraňkyda olaryň ýüzüni-gözüni görüp bolmaýardy. Emma olaryň gözüniň möjegiňki ýaly ähli zada açgöz bakýandygyny aňýardym.

Aýallaryň şaý-sepleriniň şyňňyrdysyny eşidip, ors esgerleri et ysyny alan aç ýyrtyjylar dek töre baka ýörediler. Ýagty ýerden girip, gözleri garaňka öwrenişmänsoň, gapana basaýjak ýaly howatyrly ätleýärdiler. Tüpeň sesi eşidildi. Atylan ok bir aýalyň döşünden degipdi we ol köki çapylan sary gamyş mysaly ýere ýykyldy. Ahy-nala birden göge göterildi. Biz ürken süri ýaly metjidiň beýleki böwrüne eňdik. Ýene-de tüpeň sesi ýaňlandy. Bu sapar aýallaryň başga biri ýere ýazyldy. Gorkudan gözleri hanasyna sygmaýan aýalyň alaçsyz keşbi gözümde galdy.

Aýallaryň we çagalaryň agysyndan ýüregim lerzana gelýärdi. Bokurdagym gurapdy, demim ýetmeýärdi, gözümiň görýänlerine ynanasym gelmeýärdi. Birdenem doňup galdym. Esgerler ýykylyp ýatan aýallaryň jesediniň ýanyna bardylar-da ädikli aýaklary bilen ölen göwreleri eýlesine agdardylar. Metjidiň içine ýazylan namazlyklar aýallaryň teninden dökülýän gandan gyzyl reňke boýaldy. Orslar aýallaryň başujyna geçdilerde dyz epdiler hem-de betnyşan gülüşip başladylar.

Olaryň maňa golaý oturany ölen aýallaryň biriniň ýakasyndaky gülýakasyny goparyp aldy. Ol jesediň gulagynda ýalpyldap duran gulakhalkalary görüp, it ýylgyryşyny etdi. Pikirlenip durman altyn halkalary-da çekip gopardy…

Meniň mundan artyk saklanmaga takadym galmandy. Ganym depäme urupdy. Burça gysylyp namart ýaly bu bolup geçýän ahwalatyň synçysy bolup biljek däldim. Niýeti uzaga çekmek, bihal ölüme deňdi. Men ak saplyny gynyndan çykaryp golaýdaky orsuň üstüne özümi zyňdym. Bara-barmana bar güýjüme pyçagy onuň gursagyndan göýberdim.

Esger bir “Ah” çekdi-de gürpüldäp gitdi. Ýere ýykylansoňam bir büzülip, bir ýazylyp, jany çykýança towlandy.

Jöwherim sapyna çenli göwrä çumen ekeni. Esgeriň titremesi galan desine men bütin göwrämiň gagşaýandygyny, dişlerimiň bir-birine degip şakyrdaýanyny duýdum.

Özüme gelemde beýleki esgeriň döşüme tüpeňini çenäp duranyny gördüm. Ol mäşäni gysdygy bar zadyň gutardygydy. Şonuň üçinem ölmänkäm sesimiň ýetdiginden gygyryp kalbyma ýygnanan ähli ýigrençleri daşyna çykarasym geldi. Çünki, meniň gijä galmagym, şol berç baglan ýigrençler bilen ölüp gitmegim hem mümkindi. Garşymda ýekeje barmagy bilen mäşäni gysyp janymy alyp biljek esgeriň göni gözüne seredip: “Kapyr, Hudaýsyz!“ diýip gygyrdym.

Men sesimde ýaňlanan ýigrençden ýaňa endiräp gitdim. Soňam bogazym doldy duruberdi,

gözüme ýaş aýlandy. Men bir adamyň beýleki birine ýigrenjiniň şeýle eýmenç güýje eýe bolup biljekdigi hakynda pikirem etmändirin!

Birdenem tüpeň göçdi. Men weli ýykylmadym, maňa derek orsuň esgeri çäşerip ýatyrdy. Görsem, işikdäki goýy tüssäniň aňyrsynda Batyr han durdy. Ol jaýdakylary gyssaýardy:

— Baryň, daşary gaçyň! Gaçyň, Gaçyň! Galada durmaň, sähra, gaýra guma gaçyň, başyňyzy gutaryň!

Gorkudan haýy gaçan aýallar, çagalar metjitden çykyp, gözleriniň ilen tarapyna gaçýardylar. Men weli ýerimden butnap bilemokdym. Öz gözlerime ynanman garşy-garşy bir serilip ýatan esgerleriň, birem gana bulaşan aýallaryň jesedine seredýärdim. Depämden dabanyma çenli der basyp, sojap haşlaýardym.

Mende öň bolmadyk duýgular oýanýardy. Nädip birini öldürip bildimkäm? Şu güne deňiç, adam öldürmek hakynda pikirem etmändim, onsoňam meň ýaşymam adama ýarag çenemäge het eder ýaly däl ahyryn… Asyl, men mundan owal kimiňdir biriniň deminiň sogrulan pursadyny ýa-da jan bermek üçin düwülip-ýazylyp ýatanyny görmändim.

Az salymam bolsa men hakykatdanam başga bir dünýäde bolup görüpdim. Daşda galan öňki dünýämden biri elini uzadyp, egnime kakýardy we edepli, edaly ses bilen: “Ýaşbagşy, men seň bilen! Ýör, bu ýerden gideli! Bol, ylga, o ýerde saňa mal bakan sähraň garasýar!” diýýärdi.

Bu Batyr hanyň sesidi. Ol bokurdagy dolanyň sesidi. Ýaryljak-ýaryljak duran sesdi. Hatda bu sesde ýalbarma äheňem bardy. Ol elimden tutup, gapa tarap çekýärdi. Daşary çykamyzda meniň bar görenim ýere ýazylyp ýatan adam jesetleridi, gulagymda hem Batyr hanyň aýdan iň soňky sözleri şo ýaňlanyp durdy: “Ýaşbagşy, eglenme! Sähra tarap, git! Başyňy gutarjak bol!”

Soňra, özüme gelemden soň, Batyr hanyň meni metjitden erkime bakman çekip çykarandygyny bilip galdym. Jümle-jahan däriden kükeýärdi. Daş-töwerege seredemde, orslaryň çar tarapdan gala çozýandyklaryny gördüm. Türkmenler topuň düşen ýerlerindäki oýlarda, ýykylman galan öýleriň içinden tüpeňleriniň nilini gezäp ýatyrdylar. Aýak üstüne galan ors esgerleri ýoränden şol nillerden ot çykyp gidýärdi. Emma, çypar esgerler atyp aňyrsyna çykardan köpdi.

Men öýüme tarap ylgadym. Galadan çykmankam, meniň etmeli işlerim bardy. Men dutarym bilen Batyr hanyň buşluk hakyma beren jaňly öwejini halas etmelidim. Bu ahyrzamana meňzeş dowzah odunyň içinde süri çekeň serkäniň jaňynyň dүňňürdisine, Batyr hanyň sowgadyna guwanyp ýetişmändim.

Öýden dutarymy alyp, agyla tarap eňdim. Uruş apatyndan ürken mallar bir böwüre çekilpdir, gapyny açyp olary daşyna kowdum. Bir böwri weýran bolan galadan jaňly öwejiň şahyndan mäkäm ýapyşyp, giň meýdana tarap ylgadym.

Ýerden göterilen tozan bilen oňa ýaýran däriniň ysy, tüssesi agyr ümür çöken ýaly galanyň üstünden bu golaýda aýryljaga meňzemeýärdi. Galamyzdan çykmankam in soňky sapar onuň içine intizar gözler bilen bakdym. Şo bada başyna ýaglyk bürenen aýalyň eline palta alyp, depesi çöken öýden çykandygy gözüme kaklyşdy. Onun gözünden başga ýeri pugta saralgydy. Ol aýal adamdy. Emma haýbaty bilen erkek kişimikä diýdirýärdi.

Ýaraly ýolbarsa çalym edip duran bu naçar kimkä? Onuň çep elinde arlyga dolanan çaga-da bar ýaly… Ol gyrmyzy çabyda bürenensoň siňe seredäýmeseň ýeke özümi ýa-da gujagynda biri barmy, asla aňşyrar ýaly däldi. Iki öýüň arasyndan geçjek bolanda oňa orslaryň iki sany esgeri

pete-pet geldi.

Aýal sägindi. Onuň göreji ors esgerleriniň mawy gözleri bilen kaklyşdy. Ol çep elindäki göterip gelýän dolangy ýaglygyny gursagyna berk gysdy-da, sag elini ýokary göterdi. Paltaň ýüzi ýalpyldap gitdi. Orslaram onuň elindäki paltasyny görenden imanlary göçüp, gygyryşdylar, iki tarapdan ol aýalyň üştüne sürünip ugradylar. Olaryň tüpeňiniň ujuna dakylan hanjar gorkunçdy.

Indi aýalyň gaçara ýeri galmandy. Arkasyndan ýykylan öýüň tärimi, uklary direýärdi, öňünde bolsa iki esger, iki ors, iki tüpeň, iki gülle…

Maňa mundan artyk garaşmaga puryja galmandy. Elimde dutardan başga zat ýokdy. Dutaryň sapyndan tutup men haraý gözleýän aýala kömege ylgadym.

Aýal nirä gaçsamkam diýip, gidere ugur tapmaýardy. Ol häzir aýagynyň aşagynda ýer ýarylsa ýere girmäge taýýardy,emma duşmanyň eline düşjek däldi. Esgerleriň ýüzi aňryk, aýala tarapdy. Naçar maşgala biçäreliginden ýaňa guduzlana döndi. Ol aýal birbada gorkan ýalam edipdi. Emma bilýärdim ol öz ölüminden gorkman çagasyny ajalyň gara kölegesinden gaçyrjak bolýardy. Çagasyny halas etjek bolup ol göni ölüme garşy, esgerleriň üstüne okduryldy. Emma, tüpeňiň goşa nili onuň bokurdagyna direldi-de, gymyldamaga ýer goýmandy. Alajyny ýitiren ene paltasy bilen esgerleriň tüpeňini ýokarlygyna kakyp göýberdi-de, “Ýa Alla!” diýip, paltasynyň badyny ýatyrman aýlap esgeriň gabat geleniniň depesinden inderdi. Esger aham çekip bilmän, kellesini tutmaga-da ýetişmän arkanlygyna gaýtdy.

Indi aýala göz-açyp ýumasy salymlyk maý gerekdi. Ýoldaşynyň ölenini gören esgeriň ünsi bölündigi gaçmaga mümkinçilik boljakdy. Emma, esger gazaba münüp, mäşäni gysdy. Naçar aýal jynssyz bir gygyrdy-da elindäki paltasynyny gaçyrdy. Ýöne, gursagyna berk gysan çagasyny welin mäkkäm saklady. Ýykylanda-da çagasynyň aşagyna ýykyldy, iň soňky jany çagaly eline jemlenen ýaly bäbegini goýbermeýärdi. Çaga jansyz ýatan enäň göwresiniň üstünde galdy.

Bu waka şeýle bir çalt bolup geçdi welin, men çagşap ýatan zatlaryň arasynda geçýänçäm, diri galan ors esgeri bäbek bilen bolman egilip ol aýalyň boýnundaky gülýakasynamy, gulagyndaky altyn halkasynamy birzatlara güýmenýärdi.

Ylgap gelşime dutarymy aýlap, garabaşyna gaý esgeriň depesinden inderdim. Dutaryň kädisiniň zarbyna “Ah” çeken kapyr dyzyna çökdi-de tükgeligine ýykyldy. Dutaryň diňe sapy elimde galypdy. Ýerde ýatan ors esgeri ýene-de özüne gelen ýaly boldy. Şüýşenekläp dikeljek boldy, ýene ýüzi gum garbap ýykyldy. Ol jan howluna basyp almaga gelen erkin sährasynyň gana boýalan topragyna agyz urdy, çägesöw gumuň palçygy onuň bokurdagyna tegek boldy.

Çypar esgeriň göze ilginç sary saçynyň arasyndan gyzyl gan akmasyny dowam etdirýärdi…

Bäbegiň aglaýan sesine ilki, başga dünýäden gelýändir öüýtsemem, soň onuň iki ädim gapdalda baky uka giden edermen zenanyň goltugynda aglap ýatandygyny gördüm.

Başyna oran ýaglygynyň çigni ep-esli wagtlap çözülmänsoň, duşmana ýaraly ýolbars kimin topulan merdana gelniň kimdigini tanamadym. Tanamsoň weli, onki süňňüm gowşap gitdi. Ol Batyr hanyň gelnidi, Adyna hanyň aýalydy, goltugymda çyrlaýan bäbek bolsa hanyň ilkinji, ýeke-täk agtygydy. Men eglip bäbegi götermekçi bolamda enesi çagasyny şeýle bir berk gujaklapdyr weli, onuň goluny ýazmak başartmajak ýalydy. Göýä, diýersiň ölmezden öň ol çagasyny adam oglunyň eline düşürmezlik üçin “gaýdyp elim açylmasyn!” diýip, Alladan dileg edene meňzeýärdi.

Ahyrsoňunda, ähli güýjümi ýygnap, bäbejigi şir ýürekli enesiniň elinden boşatdym. Bu ahwalata gark bolup durşuma, bir pikir kelläme geldi. Men Batyr hanyň batyr gelniniň ýarasyndan akan gana barmagymy batyrdym-da, onuň çyrlaýan bäbegiginiň maňlaýyna degirdim. Ýaňy dünýäden dem alyp başlan ynsan perzendiniň akja maňlaýynda barmak yzly gan tagmasy galdy…

Men dowzaha örülen galadan çaltyrak daşlaşmak isleýärdim. Ýolda gara tütün bolup burugsaýan öýleriň aralygynda mäläp iki-baka at salýan jaňly öweji gördüm. Onuň jaňynyň düňňürdisi bu dünýä bilen hoşlaşan mähriban adamlarymy çagyrýardy.

Häzir weli Batyr hanyň buşluk hakyma beren öweji-de, onuň jaňynyň uzaklara gidýän owazy-da ünsümi uzak özüne çekmedi. Men indi elimdäki bäbejikden başga hiç zat hakda pikir etmeýärdim. Ýykylan diwarlaryň, gana boýalan meýdançanyň içinden geçip barýarkam, o ýerde bu ýerde orslaryň garşysyna açyk döşlerini gerip garpyşýan, duşmanyň tüpeňleriniň ujuna dakylgy hanjara penje urýanlaryny gördüm. Şol çölüň algyr börüleriniň arasynda Batyr hanyň, Adyna hanyň we gör, indi nijeme ýyllar didaryna zar galan mähriban obadaşlarymyň hem bardygyna men omrüm boýy berk ynamda gezýärin

**On üçünji perdäniň owazy**

## ORSGELDINIŇ MAŇLAÝYNDAKY GAN YZY

Ýaşbagşynyň maňlaýyndan syrygyp gaýdýan der damjalary dutaryň kädisine damýardy. Kirişleri gyrylan dutar sazandanyň derinden ýaňa ezilip gidipdi. Ýaşbagşy gussa batyp hem tolgunyp, ýüzüni aşak salyp sessiz otyrdy. Dutarynyň kirişleri gyrylşy ýaly onuňam bokurdagy gyrylypdy.

Agyr dymyşlyk höküm sürýärdi. Ojakdaky oduň ýalnyndan ýokary göterilýän ýalkym oturanlaryň ýüzünde oýnaýardy. Hemmeler Ýaşbagşynyň şindizem titreýan ellerine, kirşe degip ganan barmaklaryna uly bir syryň şaýady hökmünde seredişýärdiler.

Orsgeldi maňlaýyny goýan goşa dyzyny gujaklap otyrdy. Ol maňlaýyny dyzyna däl-de, weýran bolan galanyň kerpiçlerine goýan ýalydy. Endam-jany lowlap ýanýardy. Maňlaýynda gatap galan gana çenli syzýardy. Orsgeldiniň bütin bedeni sandyramaga başlady. Ol bu sandyramasyny saklajagam bolmady. Gözleri göräýmäge gurydy, emma bokurdagy dolup, geplemäge maý bermeýärdi. Gözýaşyny saklajak bolup eden çytalaşmasy tükendi. Ol ara bir dem maý saldy-da, möňňürip göýberdi.

Orsgeldiniň ahmyrly agysy gara öýüň tüýnüginden burum-burum tüssä goşulyp çykyp, ümsüm sährany alagaraňkylygyna ýaýrap gidýärdi.

*GB 2006-09-04*